# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – HÄZIRKI GÜNDE AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY BILEN RAÝAT AWIASIÝASY, OBA HOJALYGY, ELEKTRIK ENERGETIKASY, BANK ULGAMY BABATDA NETIJELI IŞEWÜRLIK GATNAŞYKLARY ALNYP BARYLÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
7-nji noýabr, 2025. Belgisi 45/1663



# ÖZARA BÄHBITLI KÖPTARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYK BERKIDILÝÄR

**6-njy noýabrda Waşingtonda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa – ABŞ» formatyndaky sammite gatnaşdy**

Täze taryhy döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat strategiýasyny yzygiderli durmuşa geçirýär. Şol strategiýada türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň oňyn başlangyçlary mynasyp dowam etdirilýär. Döwlet Baştutanymyzyň ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň çakylygy boýunça «Merkezi Aziýa – ABŞ» formatyndaky sammite gatnaşmagy hem munuň aýdyň mysalyna öwrüldi.

Türkmenistany hem-de Amerikanyň Birleşen Ştatlaryny özara hormat goýmak, deňhukuklylyk ýörelgelerine esaslanýan köpýyllyk gatnaşyklar baglanyşdyrýar. 1992-nji ýylda ýurtlarymyzyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan pursadyndan bäri bu dialog yzygiderli ösdürilip, syýasatdan we ykdysadyýetden başlap, ynsanperwer hyzmatdaşlyga çenli ugurlaryň giň gerimini öz içine alýar. Iki döwletiň arasyndaky syýasy hyzmatdaşlyk oňyn häsiýete eýedir. Her ýyl geçirilýän ikitaraplaýyn syýasy geňeşmeler bilelikdäki meseleleri ara alyp maslahatlaşmak hem-de hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin netijeli meýdança bolup hyzmat edýär. ABŞ Türkmenistanyň BMG tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine ýokary baha berip, oňa Merkezi Aziýa sebitinde durnuklylygyň möhüm şerti, öňüni alyş diplomatiýasynyň guraly hökmünde garaýar.

«Merkezi Aziýa – ABŞ» formatyndaky köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň üsti ýetirilýär. Formatyň ykdysadyýet, energetika, daşky gurşawy goramak boýunça iş toparlarynyň çäklerinde taraplar sebit hyzmatdaşlygyny giňeltmek we umumy meseleleri çözmek üçin bilelikde täze çemeleşmeleri işläp taýýarlaýarlar.

«Merkezi Aziýa – ABŞ» formatyndaky hyzmatdaşlyk 2015-nji ýylda döredildi. Bu formatyň agzalary – Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan we Amerikanyň Birleşen Ştatlarydyr. Bu meýilnama Merkezi Aziýa ýurtlary bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek, ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, howpsuzlygy üpjün etmek, ekologiýa we innowasiýa ugurlarynda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek maksadyny öňde goýýar. Sammitleriň dowamynda taraplar sebitiň ykdysady ösüşini, ulag-energetika geçelgelerini, suw serişdelerini tygşytly ulanmak meselelerini we ýaşlar diplomatiýasyny ara alyp maslahatlaşýarlar.

Özara gatnaşyklaryň gün tertibinde söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk aýratyn orny eýeleýär. Şunda 2008-nji ýyldan bäri iki ýurduň telekeçilik düzümleriniň arasynda gatnaşyklary berkitmekde netijeli mehanizm bolup durýan «Türkmenistan – ABŞ» işewürlik geňeşiniň alyp barýan işiniň möhüm ähmiýetini bellemek gerek. Soňky ýyllarda ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk hem işjeň ösdürilýär. Munuň özi iki ýurduň medeni, bilim ugurly alyşmalary ilerletmäge ygrarlydygyny tassyklaýar. 2023-nji ýylda bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilmegi bu ugurda yzygiderli iş alyp barmak üçin berk binýady döretdi.



## ÝOL-ULAG DÜZÜMI – YKDYSADYÝETIŇ MÖHÜM UGRY

Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň möhüm ugrunyň biri hem ýol-ulag düzümini ösdürmekdir. Garaşsyzlyk ýyllarynda döwletimizde ähli ugurda bolşy ýaly, ulag-aragatnaşyk ulgamynda hem düýpli özgertmeler amala aşyryldy we amala aşyrylýar. Ulag ulgamynyň ösdürilmegi ykdysadyýetimiziň ösüşine, halkyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna we ýurduň halkara hyzmatdaşlygynyň giňelmegine uly itergi berýär.

Häzirki döwürde ýolgurluşyk pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi ýurdumyzyň çäklerinde ýerli we döwlet ähmiýetli awtomobil ýollarynyň dünýä ölçeglerine laýyklykda, öňdebaryjy ýolgurluşyk tehnologiýalaryny ulanmak arkaly gurulmagyny üpjün edýär. ■ 3



## ÝURDUMYZ ÝUNESKO-nyň MASLAHATLARYNA IŞJEŇ GATNAŞÝAR

**Özbegistanyň taryhy Samarkant şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Baş maslahatynyň nobatdaky 43-nji mejlisi geçirilýär. Oňa Türkmenistanyň medeniýet ministriniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet gatnaşýar. Maslahatyň gün tertibine laýyklykda, bölümçelerde ýaşlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek, parahatçylygy we jemgyýetçilik bitewüligini berkitmek, sanly eýýamda medeniýetleri birleşdirmek, durnukly syýahatçylygy we mirasy gorap saklamagy ösdürmek, şeýle hem milli toparlaryň arasynda gatnaşyklary we tejribe alşygyny kämilleşdirmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar.** ■ 3



## EKOLOGIÝA WE DAŞKY GURŞAW – ABADANÇYLYGYŇ GÖZBAŞY

Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji mejlisiniň plenar maslahatyndaky taryhy çykyşynda «Türkmenistan ekologiýa we howa ýagdaýy bilen bagly meseleler boýunça işini dowam etdirer, bu ugurda howpsuzlygy üpjün etmegiň esasy ýörelgesi hökmünde ulgamlaýyn çemeleşmäni ýola goýmak, howa, ekologik we tehnogen hadysalary gözegçilikde saklamak hem-de olara jogap bermek boýunça köpugurly mehanizmleri döretmek ugrunda yzygiderli tagalla eder» diýip belledi. ■ 3

## Hasyl toýy – berekediň baýramy



Her ýylyň noýabr aýynyň ikinji ýekşenbesinde hasyl toýy toýlanýar. Berekediň we bolçulygyň baýramy bolan bu toýuň döwlet derejesinde giňden bellenilmegi ýurdumyzda daýhanlaryň, kärendeçileriň çekýän yhlasly zähmetlerine goýulýan sylag-hormatyň belentdigini görkezýär.

Ýurdumyzda oba hojalyk pudagyny ösdürmekde ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Kärendeçi daýhanlaryň bereketli türkmen topragyndan bol hasyl öndürmegi üçin ähli şertler döredilýär, ýokary hilli tohum, dökün, suw, zyýankeşlerden goraýan himiki serişdeler bilen doly üpjün edilýär, daşary ýurtlaryň iň kämil tehnikalary satyn alnyp, öňki bar bolan tehnikalaryň üsti ýetirilýär, pagtanyň, bugdaýyň döwlet satyn alyş nyrhlary yzygiderli ýokarlandyrylýar, önüm öndürijiler bilen hasaplaşyklar wagtynda geçirilýär. Şular ýaly mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanýan ýer eýeleri oba hojalyk ekinlerinden bol hasyl alyp, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň barha ýokarlanmagyna, azyk bolçulygynyň döredilmegine özleriniň mynasyp goşantlaryny goşýarlar. ■ 2

## Türkmenistan – geljegi uly hyzmatdaş

**3-4-nji noýabrda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergi we maslahaty geçirildi. Bu giň gerimli sergide gurluşyk, senagat önümçiligi, energetika, himiýa senagaty, ýol gurluşygy pudaklarynda ýurdumyzyň gazananlary, dünýä belli kompaniýalaryň ýöriteleşdirilen enjamlary, öňdebaryjy tehnologiýalar bilen tanyşdyryldy.**

CIET 2025 halkara sergä we maslahata dünýäniň birnäçe ýurdundan dürli ugurlarda iş alyp barýan kompaniýalaryň ýolbaşçylary, ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumynyň, dünýäniň öňdebaryjy ugurdaş kompaniýalarynyň ýolbaşçylary, Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk etmäge isleg bildirýän kompaniýalaryň wekilleri, hünärmenler we beýleki myhmanlar gatnaşdylar. Şolaryň arasynda elektrik geçirijilerine degişli dürli enjamlary öndürýän «Anhui Huayuan Steel Tower Co. Ltd.» hytaý kompaniýasynyň ýolbaşçylary hem bar. 1958-nji ýylda esaslandyrylan kompaniýanyň esasy işi elektrik geçirijileriniň we aragatnaşyk diňleriniň, polat gurluşlarynyň doly toplumyny işläp taýýarlamak, öndürmek, şeýle hem sinklemek hyzmatlaryny, elektrik geçirijileriniň diňlerine tehniki hyzmat etmek, elektrik energiýasy pudagynda umumy potratçylyk we metal gurluşlary üçin ýöriteleşdirilen umumy potratçylyk işlerini ýerine ýetirmekden ybarat. Elektrik geçirijileriň önümçiliginde dünýäde öňdeligi eýeleýän kompaniýanyň halkara marketing merkeziniň Baş direktory Wang Çi Awazada geçirilen giň gerimli serginiň we maslahatyň netijeli bolandygyny belledi. Wang Çi özüniň ilkinji gezek Türkmenistana gelendigini, CIET 2025 sergisine we maslahatyna hem-de plenar mejlislere gatnaşandygyny mälim etdi. Halkara forum daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň özara gatnaşyklaryny ilerletmegi üçin meýdança bolup hyzmat etdi. Onuň çäklerinde ikitaraplaýyn duşuşyklaryň birnäçesi geçirilip, dürli ugurlarda bilelikde iş alyp barmaga degişli resminamalaryň uly toplumyna hem gol çekildi. Kompaniýanyň ýolbaşçylary geljegi uly bolan türkmen bazaryna aýratyn gyzyklanma bildirýändiklerini belläp, Türkmenistanyň barha ösýän energetika pudagy bilen hyzmatdaşlyk etmek isleýändiklerini belleýärler. Geljekde halkara sergilerde kompaniýanyň öz diwarlygyny ýerleşdirmek hem göz öňünde tutulýar.




Wang Si kompaniýanyň önümleriniň dürli ýurtlara iberilýändigini, has ýokary güýjenmeli elektrik geçirijilerini we olary göterýän polat diňleri öndürýändiklerini belleýär. Jemi 4 müňden gowrak işgäri bolan kompaniýanyň zawodlarynda ekologiýa taýdan arassa önümçilik ýola goýlup, ýokary netijeli enjamlar bilen üpjün edilipdir. Kompaniýa has beýik polat gurluşlary we ýokary güýjenmeli elektrik geçirijilerini öndürmäge ukyplydyr.



Kompaniýanyň ýolbaşçylary häzirki wagtda Türkmenistanda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda uly ösüşleriň gazanylýandygyny, iri taslamalaryň durmuşa geçirilýändigini belläp, Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize hoşallygyny beýan etdiler.

### Binanyň üçeginde stadion gurlar



Saud Arabystany 350 metrlik gökdiräniň üçeginde stadion gurmagy meýilleşdirýär. Dünýäde ilkinji «asman stadiony» taslamasy 1 milliard amerikan dollaryna barabar diýlip çaklanylýar. ■ 4

### Saçyň düşmeginiň öňüni almagyň tebigy usullary



Adamlaryň aglaba bölegi saçyna aýratyn ideg etseler hem saçynyň düşýändiginden zeýrenýärler. Saçyň her gün ortaça 50-100 tarynyň gaçmagy adaty ýagdaý hasaplanýar. ■ 5

### Tutuş ýyly birinjilikde tamamlan 7-nji tennisçi bolar




Belarusly tennisçi Aryna Sabalenkanyň 2025-nji ýyly birinji orunda tamamlajakdygy resmi ýagdaýda mälim edildi. ■ 7

### «Bawariýa», «Arsenal», «Inter» utuk ýitirmän gelýär

UEFA Çempionlar Ligasynda 4-nji duşuşyklaryň ilkinji gününde ozal finalda duşuşan toparlaryň özara oýny esasy üns merkezinde boldy. 18 oýunda 46 gol geçirilip, 1 het-trik hasaba alyndy. ■ 8

# HOŞNIÝETLILIK WE YNSANPERWERLIK ÝOLY BILEN



**5-nji noýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherinde ýerleşýän Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ştab-kwartirasynda gaznanyň müdiriýetiniň mejlisini geçirdi.**

Gahryman Arkadagymyz gazna tarapyndan geçen döwürde alnyp barlan işler, onuň Tertipnamasyna girizilen goşmaçalar, amala aşyrylan bejeriş işleri, bu düzümiň halkara hyzmatdaşlygy, gaznanyň goşmaçalar girizilen Tertipnamasyny tassyklamak we gaznanyň düzümine Esaslandyryjyny girizmek hakynda Kararlaryň taslamalary, onuň serişdeleriniň sarp edilişi ýaly meseleleriň mejlisiň gün tertibiniň esasynda durýandygyny belledi. Türkmen halkynyň Milli Lideri mejlisiň gün tertibini yglan edip, gazna tarapyndan geçen döwürde alnyp barlan işler, onuň Tertipnamasyna girizilen goşmaçalar barada çykyş etmek üçin gaznanyň dolandyryş işleri boýunça ýerine ýetiriji direktory – wise-prezidenti R.Bazarowa söz berdi.

R.Bazarow gaznanyň işine häzirki zamanyň ösen tejribesini ornaşdyrmak, onuň hukuk binýadyny pugtalandyrmak meselelerine möhüm ähmiýet berilýändigine ünsi çekip, Milli Liderimiziň maslahatlaryndan ugur alyp, gaznanyň işini kämilleşdirmek maksady bilen, onuň Tertipnamasyna täzeden seredilendigini hem-de goşmaçalar girizilip, taslamasynyň taýýarlanandygyny habar berdi. Hususan-da, Tertipnamanyň täze taýýarlanan görnüşinde gaznanyň düzümine Esaslandyryjyny girizmek meselesi hem-de Esaslandyryjynyň ygtyýarlyklary beýan edildi.

Gahryman Arkadagymyz gazna tarapyndan alnyp barylýan işleriň yzygiderli dowam etdirilmelidigini, şunda halkara hyzmatdaşlyga möhüm üns berilmeginiň ähmiýetli boljakdygyny aýdyp, bu babatda öz maslahatlaryny berdi.

Soňra Milli Liderimiz haýyr-sahawat düzümi tarapyndan degişli döwürde alnyp barlan bejeriş işleri, halkara hyzmatdaşlygyň ilerledilişi barada çykyş etmek üçin gaznanyň bejeriş işleri boýunça ýerine ýetiriji direktory – wise-prezidenti O.Atabaýewa söz berdi.

O.Atabaýewa gazna tarapyndan amala aşyrylan köp sanly haýyr-sahawat işleriniň, onuň serişdeleriniň hasabyna ýüzlerçe operasiýalaryň, çagalara bejeriş-dikeldiş, bejeriş-öňüni alyş hyzmatlarynyň ýerine ýetirilendigini we bu ugurdaky çäreleriň yzygiderli dowam etdirilýändigini belledi. Şeýle hem gaznanyň wise-prezidenti häzirki döwre çenli tutuş ýurdumyz boýunça 700-den gowrak çaga operasiýalaryň geçirilendigini we olara ýatymlaýyn şertlerde bejergileriň amala aşyrylandygyny aýtdy. Şu ýylyň ýanwar – oktýabr aýlarynda näsag çagalaryň 163-sinde operasiýalar geçirildi. Mundan başga-da, 900-e golaý çaga üçin dikeldiş-bejergi işleri ýerine ýetirildi. Mundan başga-da, gaznanyň howandarlygynda dürli bäsleşikleriň geçirilendigi aýdyldy.

Hasabatyň dowamynda şu ýylyň martynda gaznanyň döredilmeginiň dört ýyllygy mynasybetli Arkadag şäherinde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahatyň geçirilendigi, oňa dünýäniň köp sanly ýurtlaryndan we halkara guramalardan wekilleriň gatnaşandygy barada aýdyldy. Maslahatyň netijeleri boýunça kabul edilen Jemleýji resminama BMG-niň resmi dillerine terjime edilip, Baş Assambleýanyň 79-njy sessiýasynyň gün tertibiniň resminamasy hökmünde ýaýradyldy.

Gaznanyň bejeriş işleri boýunça ýerine ýetiriji direktory – wise-prezidenti O.Atabaýewa abraýly halkara guramalar bilen gatnaşyklaryň işjeňleşdirilýändigini, degişli ugurlar boýunça özara ylalaşyklaryň gazanylýandygyny we ikitaraplaýyn resminamalara gol çekilýändigini aýtdy. Dünýä ýurtlaryndan Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen hyzmatdaşlyk etmäge teklipler yzygiderli gelip gowuşýar. Şeýle hem gaznanyň alyp barýan işi bilen baglanyşykly maglumatlaryň internet saýtlarynda ýerleşdirilýändigine ünsi çekip, O.Atabaýewa bu düzümiň işine döwlet tarapyndan ýakyndan ýardam berilýändigi üçin Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize hoşallygyny beýan etdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy gaznanyň ynsanperwer ýörelgeleri esasy ugur edinýän işini has-da kämilleşdirmek we onuň gerimini giňeltmek meselelerine ähmiýet bermelidigini belläp, bu babatda öz maslahatlaryny berdi.

Mejlisde gaznanyň Tertipnamasyny has-da kämilleşdirmek maksady bilen, gaznanyň goşmaçalar girizilen Tertipnamasyny tassyklamak we gaznanyň düzümine Esaslandyryjyny girizmek hakynda Kararlaryň taslamalary barada çykyş etmek üçin gaznanyň hukukçysy M.Hojamberdiýewa söz berildi.

M.Hojamberdiýewa häzirki döwürde Çaganyň hukuklary hakynda Konwensiýa, «Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna, «Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça 2023 – 2028-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasyna» we beýleki hukuk namalaryna laýyklykda, çaganyň ýaşamaga, ösmäge, saglygyny goramaga we bilim almaga bolan hukuklaryny durmuşa geçirmek, olar üçin ýola goýulýan hyzmatlary, berilýän goldawy halkara ülňülere laýyk getirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Şeýle-de ol ozal berlen tabşyryklara laýyklykda, gaznanyň işini düzgünleşdirýän kadany has-da kämilleşdirmek maksady bilen, haýyr-sahawat gaznasynyň Tertipnamasyna täzeden seredilip, onuň taslamasynyň taýýarlanandygyny habar berdi. Onda gaznanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklarynyň wagtlaýyn ýerine ýetirilmegi, berk dolandyryş binýadyny pugtalandyrmak bilen, oňa täze Esaslandyryjylaryň girizilmeginiň tertibi hem-de olaryň ygtyýarlyklarynyň kesgitlenilmegi bilen bagly kadalar goşuldy. M.Hojamberdiýewa Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň işini has-da kämilleşdirmek hakynda hem-de gaznanyň düzümine Esaslandyryjyny girizmek hakynda Kararlaryň taslamalaryny Gahryman Arkadagymyzyň garamagyna hödürledi.

Milli Liderimiz Tertipnamanyň taslamasyna laýyklykda, gaznanyň Esaslandyryjysynyň gaznanyň Prezidentiniň ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmegi gaznanyň ýerine ýetiriji direktorlarynyň – wise-prezidentleriniň biriniň üstüne ýükläp bilýändigini aýdyp, gaznanyň düzümine täze esaslandyryjylary girizip bilýändigini, şeýle-de Esaslandyryjynyň öz ygtyýarlyklaryny esaslandyryjylaryň birine geçirmek hakynda karara gelip bilýändigini belledi. «Ýokarda beýan edilenler gaznanyň Esaslandyryjysynyň Karary bilen resmileşdirilýär» diýlip, taslamada nygtalýar. Tertipnamanyň taslamasynda gaznany esaslandyran Esaslandyryjynyň bitiren aýratyn işlerini göz öňünde tutup, onuň gaznanyň Hormatly Esaslandyryjysy hökmünde müdiriýetiň mejlislerine gatnaşmaga, haýyr-sahawat taslamalaryny we maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge hukugy saklanýar diýlip bellenilendigini hem aýtmak gerek.

Mejlisiň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň işini has-da kämilleşdirmek hakynda, şeýle hem gaznanyň düzümine Esaslandyryjyny girizmek hakynda Kararlara gol çekdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz gaznanyň serişdeleriniň sarp edilişi barada hasabat bermek üçin gaznanyň hasapçysy Ý.Çernowa söz berdi.

Ý.Çernowa şu ýylyň başyndan bäri gaznanyň serişdeleriniň ulanylyşy we serişdeleriň anyk hasabyny ýöretmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna gelen ýüztutmalar esasynda ýurdumyzyň kömege mätäç çagalaryna ynsanperwerlik goldawy berilýär. Şol bir wagtyň özünde bu düzüm tarapyndan daşary ýurtlaryň heläkçilik zeraly ejir çeken çagalaryna degişli kömekler ugradylýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy gaznanyň serişdeleriniň ulanylyşy baradaky anyk maglumatlaryň bolmagynyň möhüm talap hökmünde kesgitlenendigini belläp, bu babatda ugurdaş düzümler bilen bilelikdäki işleriň ýola goýulmalydygyna ünsi çekdi. Munuň özi onuň serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagynyň esasy şerti bolup durýar.

Gahryman Arkadagymyz hasabaty diňläp, berkarar döwletimizde ynsanperwer däplere eýerilip, ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň howandarlygyndan galan çagalar hem-de ýetginjekler hakynda aýratyn alada edilýändigini, döwletimiziň bu çagalary üns merkezinde saklap, olaryň bilimli, Watana wepaly bolup ýetişmegi, özlerini agzybir maşgalanyň – jemgyýetiň doly derejeli agzasy hökmünde duýmagy üçin ähli mümkinçilikleri döredýändigini aýtdy. Gazna tarapyndan howandarlyga mätäç çagalary durmuş taýdan goldamak, olaryň saglygyny dikeltmäge ýardam bermek, bagtyýar ýaşamagy üçin amatly şertleri döretmek boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär. Gaznanyň işine yzygiderli goldaw bermekde, ýurdumyzda ynsanperwerlik, sahawatlylyk däplerini dowam etdirmek bilen, haýyr-sahawat işini ösdürmekde hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz ägirt uly tagallalary edýär. Täze taryhy eýýamda türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly däpleri Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ynsanperwer syýasatynda aýdyň beýanyny tapýar. Biz hemaýata mätäç çagalaryň ykbalyna, olaryň ýagty geljegini üpjün etmäge örän jogapkärli çemeleşýäris diýip, Milli Liderimiz nygtady.

Soňra gaznanyň bejeriş işleri boýunça ýerine ýetiriji direktory – wise-prezidenti O.Atabaýewa ýaňy-ýakynda goňşy ýurt Owganystanda bolan heläkçilikli ýertitreme baradaky habaryň ýurdumyzda çuňňur gynanç bilen kabul edilendigini, bu tebigy betbagtçylygyň köp sanly adam pidalaryna, weýrançylyklara getirendigini belläp, türkmen halkynyň gadymdan gelýän ynsanperwerlik, rehimdarlyk hem-de birek-birege kömek bermek ýaly däplerine eýerip, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan bu ýurda we onuň doganlyk halkyna, hususan-da, çagalara ynsanperwerlik kömegini ugratmaga rugsat bermegini Gahryman Arkadagymyzdan haýyş etdi.

Türkmen halky goňşusy bilen hemişe agzybir ýaşap, şatlygyny hem, gynanjyny hem onuň bilen paýlaşypdyr. Halkymyz kyn pursatda goňşusyna ýardam bermek üçin oňa hemişe dostluk goluny uzadypdyr. Bu bolsa türkmen halkynyň goňşusyna goýýan sylag-hormatyndan, ynsanperwer däplerinden nyşandyr. Ata-babalarymyzyň «Kyýamat güni goňşudan» diýen dana sözlerinden ugur alyp, goňşularymyza mätäç gününde doganlyk kömegi berler. Şoňa görä, doganlyk owgan halkyna, ilkinji nobatda, Owganystanyň ýertitremeden ejir çeken çagalaryna we ýaşaýjylaryna gaznanyň adyndan ynsanperwerlik kömegini ibermegiň wajypdygyny aýdyp, Milli Liderimiz bu babatda degişli tabşyryklary berdi. «Biz mundan beýläk-de türkmen halkynyň gadymdan gelýän ynsanperwerlik ýaly mukaddes däp-dessurlaryny dowam etdireris» diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady hem-de Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň müdiriýetiniň mejlisini jemledi.

## 5 ulagdan biri elektrikli

2025-nji ýylyň üçünji çärýeginde dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglaryň satuwy geçen ýylyň degişli döwründäkiden 35% ýokarlanyp, umumy satuwyň 21 göterimine ýetipdir. Şeýlelikde, satylan täze ulaglaryň 5-den birini elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar emele getiripdir. Hytaý elektroulag üçin ösýän bazar bolmagynda galýar. Ýurtda 3 milliondan gowrak elektroulag satylyp, umumy satuwyň 34 göterimini emele getiripdir. Ýewropanyň iň uly 5 ýurdy - Germaniýa, Birleşen Patyşalyk, Fransiýa, Italiýa we Ispaniýa döwletlerinde elektroulag satuwy 32% ýokarlanypdyr. Bu görkeziji Germaniýada 45% bolupdyr. ABŞ-da elektroulag satuwy 22% ýokarlanypdyr. Netijede, elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar umumy satylan ulaglaryň 10 göteriminden köp bolupdyr. «Strategy&» maslahat beriş kompaniýasynyň maglumatyna görä, elektroulag satuwyndaky ösüş dowam eder.



**Myrat BERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## «Ýaşyl» ykdysadyýet täze iş orunlaryny döreder

Dünýäniň iri şäherleriniň wekilçiliginde döredilen «C40» topary (C40 Cities Climate Leadership Group Inc.) şäherlerde daşky gurşaw bilen bagly amallaryň täze iş orunlaryny döredýändigini belledi. Berilýän maglumatda «ýaşyl» ykdysadyýetiň täze mümkinçilikleri döredýändigi bellenilýär. Geçirilen seljermäniň netijesinde dünýäniň 81 şäherinde 21 million «ýaşyl» iş ornunyň bardygy bellenildi. Olaryň 13,5 milliondan gowragy gönüden-göni daşky gurşaw syýasaty bilen baglanyşykly. Bilermenler howany hapalamaýan gatnaw, gaýtadan dikeldilýän energiýa, arassa gurluşyk we durnukly infrastruktura ýaly ugurlardaky işi «ýaşyl» diýip hasaplaýarlar. Geçirilen barlaglarda bu şäherlerdäki iş orunlarynyň 10 göterimden gowragynyň «ýaşyl» kategoriýasyna degişlidigi bellenildi.



«C40» 2030-njy ýyla çenli jemi 50 million «ýaşyl» iş ornuny döretmegi meýilleşdirýär we bu maksada ýetmek üçin görnetin ösüş gazanylandygyny belleýär.

**Aýgül HAJYNAZAROWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Balkan welaýat birleşmesiniň derňewçisi.*

## Sagdyn deri we gözellik



Deri diňe bir gorag däl, eýsem, saglygyň, ýaşlygyň we gözelligiň görkezijisi hasaplanýar. Deriniň ýagdaýy ýaşaýyş endikleri, iýmitleniş düzgünleri, daşky gurşawyň täsiri we bedeniň işjeňligi bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin deriniň saglygyny saklamak diňe daşarky ideg däl, eýsem, dogry iýmitlenmek bilen hem baglydyr.

Deri saglygymyzyň we durmuş ýörelgämiziň aýnasy bolup, ýaşyň gitdigiçe berkligini we çeýeligini ýitirýär, ýygyrt atýar, az-kem tegmiller peýda bolup başlaýar. Şeýle-de bolsa, ýönekeý, ýöne täsirli çäreleriň kömegi bilen, garramagy haýalladyp, deriňizi sagdyn saklap bilersiňiz.



**DERINIŇ SAGLYGY ÜÇIN PEÝDALY IÝMITLER**

Deriniň ýagty, çeýe we arassa görünmegi üçin her gün azyndan 1,5–2 litr arassa suw içmek möhümdir. Suw deriniň içinde toksinleriň çykmagyna, öýjükleriň täzelenmegine ýardam edýär.

Miwelerde we gök önümlerde köplenç A, C, E witaminleri, beta-karotin we antioksidantlar köp bolýar. Olara käşir, pomidor, kädi, brokkoli, alma, pyrtykal, kiwi ýaly miweler degişlidir. Bu maddalar deriniň ýaşlygyny saklaýar.

Bu peýdaly ýaglar deriniň gurulygyny azaldyp, onuň tebigy ýag balansyny durnuklaşdyrýar. Olary balyk (losos, skumbriýa), künji, keten tohumy we hoz ýaly önümlerden almak bolar.

Bugdaý, tüwi bedenden zyýanly maddalaryň çykmagyna kömek edýär, gan aýlanyşyny gowulandyrýar.

Süýt, kefir, gaýmak we gatyk deri öýjükleriniň täzelenmegine kömek edýär. Emma laktoza duýgur adamlar üçin laktozsyz görnüşleri saýlamak maslahat berilýär.

Şeýle hem ýaramaz endiklerden daşda durmak deri üçin peýdalydyr. Şunuň bilen baglylykda, çilim çekmek damarlara zeper ýetirýär, deriniň gan üpjünçiligini bozýar we wagtyndan öň garramagyňyza sebäp bolýar. Alkogolly içgiler bolsa gan damarlaryny daraldýar, deriniň gyzarmagyna we ýyldyz damarlarynyň (kuperoz) döremegine sebäp bolýar.

Arassaçylyk düzgünlerine eýermek, kadaly ukyňy almak hem deriniň sagdynlygyna täsirini ýetirýär. Sagdyn iýmit we kadaly durmuş endikleri gözelligiň we ýaşlygyň iň ygtybarly çeşmesidir.

**Mawlýuda ŞÜKÜRBAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyby.*

## Hasyl toýy – berekediň baýramy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyzyň azyk üpjünçiligi oba hojalyk pudagynyň ösüşleri bilen baglanyşyklydyr. Daýhanlar diňe bir gowaça, bugdaý ýaly ekinleri ekip ýetişdirmek bilen çäklenmän, eýsem, gök-bakja ekinlerini, miweli ekinleri hem ösdürip ýetişdirip, döwletimizde azyk bolçulygyny döredýärler.

Türkmenistanyň şertleri gök we bakja ekinleriniň aglabasyny bütin ýylyň dowamynda ekip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda ekinleriň ýokary hasylly, yssa çydamly irki, aralyk we giçki görnüşleri ösdürilip ýetişdirilýär. Ilaty ýylyň dowamynda bakja ekinleri bilen üpjün etmek üçin gawun-garpyzlaryň, kädileriň ir we giç ýetişýän görnüşleri ekilýär.



Oba hojalygyna öňdebaryjy tilsimatlary ornaşdyrmak, her bir işe ylmy taýdan çemeleşmek geljekde oba hojalygynyň ösüşli menzillerini barha ýokarlandyrar. Ýer we suw serişdeleriniň, organiki we mineral dökünleriň rejeli peýdalanylmagy ýurdumyzyň her welaýatynyň toprak-howa şertleriniň we beýleki aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulmagy bilen, oba hojalyk toplumynyň sebitleýin özleşdirilmegi, daýhan zähmetini ykdysady taýdan mynasyp höweslendirmek – bularyň ählisi ýurdumyzda ekerançylygyň ýokary medeniýetini kemala getirmäge mümkinçilik berýär.

Şu günler ýurdumyzyň çar künjeginde Hasyl toýy mynasybetli dürli çäreleriň, maslahatlaryň, sergileriň geçirilmegi berkarar Watanymyzda oba hojalyk pudagynda ýetilen belent sepgitleri giňden açyp görkezýär. Munuň özi kärendeçi daýhanlaryň çekýän yhlasly zähmetleriniň kemsiz ýerine düşýändigine şaýatlyk edýär.

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Köneürgenç etrap birleşmesiniň esasy hünärmeni.*

## Sues kanalynyň girdejisi artdy

Müsüriň çäginden geçýän emeli Sues kanalynyň girdejisiniň artandygy mälim edildi. Kanalyň edarasynyň ýolbaşçysy Osama Rabiýe oktýabr aýynda suw geçelgesinden 229 gäminiň geçendigini belledi. Iýul-oktýabr aýlary aralygynda bolsa, kanaldan alnan girdeji 14% ýokarlanypdyr. Bu döwürde suw ýolundan 4 müň 405 gämi geçipdir. Bu gämiler jemi 185 million tonna ýük geçiripdir. Geçen ýylyň degişli döwründe 4 müň 332 gämi 167,6 million tonna ýük geçiripdir.



Müsüriň ykdysadyýetine uly goşant goşýan kanal Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky iň gysga deňiz ýoly hasaplanýar. Kanalyň soňky ýyllarda giňeldilmegi we çuňaldylmagy netijesinde has uly gämileriň geçmegine mümkinçilik döredildi.

**Arzygül BAKYÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## 6 million ýyllyk howa

Antarktidada geçirilen barlaglaryň netijesinde irki döwürlerde doňup galan buzuň üstünden baryldy. Şeýle hem buzuň içinde gabalyp galan howanyň nusgasy alyndy. Wuds Hol okeanografiýa institutynyň ylmy işgäri Sarah Şakltonyň ýolbaşçylyk edýän topary Antarktidanyň Allan Hills sebitinde ýüz müňlerçe ýyldan bäri doňup duran buz gatlaklarynyň astyndan nusgalar alyndy. Antarktidada birigen gar we buz irki ýyllar barada gymmatly maglumat almaga mümkinçilik berer. Bu ýerde buzuň astynda gysylan howa mawumtyl reňki emele getiripdir. Bu ýerlere müňlerçe ýyllap garyň ýagmandygy «gadymy» buzuň ýeriň üstüne ýakyn bolmagyna sebäp bolupdyr.



Ylmy barlagyň netijeleri barada ABŞ-nyň Milli ylymlar akademiýasynyň (PNAS) žurnalynda çap edildi.

**Şasüleýman GURBANSÄHEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Sürüjisiz ulag hyzmatynyň çägi giňeýär

«Alphabet» konglomeratynyň sürüjisiz ulag hyzmatyny hödürleýän «Waymo» kompaniýasy hyzmat ediş çägini giňeldýär. Kompaniýa Detroýtda, Las-Wegasda we San-Diegoda robotaksi hyzmatyny ýola goýar. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Tekedra Mawakana geljek ýylyň ahyryna çenli hepdelik 1 million ýolagça hyzmat etmegi maksat edinýändiklerini mälim etdi. Şu ýylyň aprelinde kompaniýanyň taksileriniň bir hepdede gatnadýan ýolagçy sany 250 müňden geçipdi. Şondan bäri kompaniýanyň müşderileriniň sany barha artýar.



«Waymo», ilki bilen, Foniks şäherinde täjirçilik maksatly sürüjisiz ulag hyzmatyny ýola goýupdy.

**Ajap AKYÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Deňizçilik sergisi geçirilýär

Ýewropanyň iň iri port şäheri hasaplanýan Niderlandlaryň Rotterdam şäherinde deňizçilik sergisi geçirilýär. 4-nji noýabrda öz işine başlan «Europort Rotterdam 2025» sergisi şu gün tamamlanýar. 42-nji gezek geçirilýän gözden geçiriliş bu ugurda dünýäniň öňdebaryjy sergileriniň biri hasaplanýar. Halkara çärä dünýäniň ýüzden gowrak ýurdundan müňden gowrak kompaniýa gatnaşýar. Şeýle hem sergä deňizçilik pudagynda iş alyp barýan 25 müňden gowrak hünärmen gatnaşýar. Forumyň çäklerinde maslahatlar, seminarlar we ikiçäk duşuşyklar geçirilýär. Arassa energiýa çeşmelerine geçiş, sanlylaşma, maliýeleşdirme forumda ara alnyp maslahatlaşylan esasy temalar boldy. Serginiň çäklerinde ýörite maksatly gämiler bilen bir hatarda ösen tehnologiýalar hem görkezilýär.




**Altyn DURDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň baş hünärmeni.*

## Ýaş robotçylaryň halkara üstünligi

Aşgabat şäheriniň dil dersleri çuňlaşdyryp öwredilýän ýöriteleşdirilen 97-nji orta mekdebiň okuwçylaryndan düzülen topar 29-njy oktýabrdan 1-nji noýabr aralygynda Panama Respublikasynda geçirilen «First Global Challenge 2025» atly robot tehnologiýasy boýunça halkara bäsleşige gatnaşyp, üstünlikli çykyş etdi. «Robotlaryň Olimpiadasy» diýlip hem atlandyrylýan bu bäsleşige dünýäniň 190 döwletinden ýaşlar gatnaşdylar. «Ekodeňagramlylyk» şygary bilen geçirilen halkara bäsleşige gatnaşan bu topara Arkadag şäherindäki 1-nji ýöriteleşdirilen okuw-terbiýeçilik toplumynyň mugallymy M.Sähetgulyýew ýolbaşçylyk etdi. Ýurdumyza wekilçilik edýän ýaşlar toparynyň agzalary toparlaýyn hem-de ýekeleýin bäsleşiklere gatnaşyp, ýokary netije görkezdiler. Robototehnika bäsleşiginde ýygyndymyz robotlaryň ýekelikdäki bäsleşiginde (Skills Challenge) 1-nji orna mynasyp boldy. Bu ugurda robotlar toplary ýygnamak, peri pyrlamak, ýüpe dyrmaşmak ýaly ýumuşlary ýerine ýetirmeli boldular. Şeýlelikde, berlen ýumuşlary 50 sekundyň dowamynda ýerine ýetirip, jemi 54,6 bal toplamak başartdy.




**Mahym MARLYÝEWA,**
*Ak bugdaý etrabyndaky takyk ugurly we iňlis dili okuw derslerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 45-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Ýöremegiň ýatkeşlige oňyn täsiri

Amerikan alymlary yzygiderli ýöremegiň ýatkeşlige oňyn täsir edýändigini anykladylar. ABŞ-nyň Massaçusets ştatyndaky «Mass General Brigham» hassahanasynyň lukmanlary 50-90 ýaş aralygyndaky adamlarda 14 ýyllap barlag geçirdiler. Jemi 296 adamyň gatnaşan barlagynda gatnaşyjylaryň her gün näçeräk ýol ýörändikleri hasaba alyndy. Netijede, has köp ýöreýänleriň beýnisiniň işjeňliginiň ýokarydygy ýüze çykaryldy. Adatça, her gün 10 müň ädim ýöremek maslahat berilýän hem bolsa, geçirilen barlagda her gün 3-5 müň aralygynda ädim äden adamlarda ýatkeşligiň ortaça 3 ýyl, 5-7 müň ädim ýöränlerde 7 ýyl giç ýitip başlaýandygy anyklandy.



«Nature Medicine» žurnalynda çap edilen ylmy barlag baradaky işiň awtordaşy Wai Ýin Wendi ylmy işiň netijeleriniň az maşk etmegiň hem peýdalydygyny ýüze çykarandygyny belleýär.

**Gülbahar ANNAMYRADOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň iç keselleriniň propedewtikasy kafedrasynyň assistenti.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 7-si, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117464
Belgisi: 45/1663
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## Nebitgaz pudagynda uly sepgitlere ýetilýär

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň ýangyç-energetika ulgamynda diňe bir ykdysady taýdan möhüm ähmiýetli däl, eýsem, sebitiň we dünýäniň energetika howpsuzlygynyň berkidilmeginde uly orun eýeleýän iri taslamalar amala aşyryldy. Munuň üçin ygtybarly, durnukly energiýa üpjünçiligi, energiýa çeşmeleriniň diwersifikasiýalaşdyrylmagy, parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň azaldylmagy, gaýtadan dikeldilýän energetikanyň ösdürilmegi hem-de energiýa netijeliliginiň ýokarlandyrylmagy zerurdyr.

Türkmenistanyň tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň hataryna girýän kuwwatly energetika döwleti bolup durýandygyny bellemek gerek. Ýurdumyz iri nebitgaz kompaniýalary we abraýly maliýe düzümleri bilen işewürlik gatnaşyklaryny ýola goýmak arkaly göni energiýa hyzmatdaşlygynyň gerimini düýpli giňeldýär. Şunda häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda, milli ýangyç-energetika toplumyna iň täze ylmy-tehniki işläp taýýarlamalary, innowasion tehnologiýalary we sanly ulgamlary işjeň ornaşdyrmak meselelerine aýratyn üns berilýär.

Mälim bolşy ýaly, gaz senagaty ýurdumyzyň senagat önümçiliginiň möçberiniň ýarysyndan gowragyny eýeleýär. Häzirki wagtda gaz pudagynda uglewodorod serişdelerini ýüze çykarmak, agtarmak, ulanmak, daşamak we saklamakdan başlap, ony gaýtadan işlemäge we sarp edijilere ýetirmäge çenli önümçiligiň ähli tapgyrlarynda öňdebaryjy tehnologiýalary ulanmak arkaly täze ýataklary gözlemek, baha bermek we senagat taýdan özleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar.



Uly möçberli Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan (TOPH) gaz geçirijisi taslamasy sebit hem-de dünýä energetika howpsuzlygy babatda möhüm ähmiýete eýedir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň ägirt uly tebigy gaz gorlary bar we «Brownstein» häzirki wagtda gurulýan gaz geçirijisi arkaly Owganystanyň, Pakistanyň we Hindistanyň üsti bilen eksport edilmegine ýardam bermek bilen, bu gymmatly energiýa serişdesini ýerlemäge çalyşýar.

TOPH gaz geçirijisiniň durmuşa geçirilmegi birnäçe sebäbe görä möhümdir. Birinjiden, ol Owganystana tebigy gazyň iberilmegini üpjün etmek bilen, owgan halkyna ynsanperwer goldaw berer. Ikinjiden, bu energetika pudagyndan başga-da infrastrukturanyň hem mundan beýläk ösmegi üçin mümkinçilikleri açar. Şeýlelikde, diňe bir Türkmenistanyň däl, eýsem, Owganystanyň, Pakistanyň we Hindistanyň hem ykdysady ösüşi üçin mümkinçilikleri döreder.

Tebigy gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistan häzirki wagtda bu tebigy baýlygyny durnukly ösüşiň hereketlendiriji güýjüne öwürýär. Ýurdumyz diňe bir çig mal eksporty bilen çäklenmän, köpugurly, ýokary goşulan bahaly we ekologiýa taýdan arassa energetika ekoulgamyny döretmäge gönükdirilen syýasaty durmuşa geçirýär. Bu strategiýanyň çäklerinde ýurdumyz daşary ýurtly hyzmatdaşlary bilen eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, gaýtadan işleýän senagaty ösdürmek hem-de döwrebap energetika we himiýa klasterlerini döretmek boýunça giň gerimli işleri amala aşyrýar.

**Ogulgözel BERDIÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň diller kafedrasynyň öwreniji-mugallymy.*

## ÝOL-ULAG DÜZÜMI – YKDYSADYÝETIŇ MÖHÜM UGRY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Uzynlygy 600 kilometr bolan Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygy muňa aýdyň mysaldyr.

Ýol-ulag düzüminiň infrastruktura taslamalarynyň möçberini yzygiderli giňeldýän ýurdumyzda «Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedi» awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy – Garabogaz böleginiň düýbi tutuldy hem-de Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsi açylyp ulanmaga berildi.

Ýurdumyzyň günbatar künjeginde birnäçe möhüm ulag taslamalary durmuşa geçirilýär. Bu taslamalar ýurduň içerki baglanyşygyny, şeýle hem sebitleýin we Ýewrazýa giňişligindäki üstaşyr gatnawlary, aýratyn-da Demirgazyk–Günorta ugurlary boýunça gatnaşyklary ösdürýär.

Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda geçirilen dabaralar ýurdumyzyň ulag düzüminiň has-da pugtalandyrylýandygynyň nobatdaky subutnamasydyr. Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsi türkmen gurluşykçylary we «Altkom» kompaniýasy tarapyndan hyzmatdaşlykda guruldy. Köpriniň umumy uzynlygy 354 metr, iki geçiş zolakly we iki gatnaw ugruna niýetlenen giňligi 21 metrdir. Oňa barýan ýan ýollaryň umumy uzynlygy bolsa 2000 metre deňdir.

Täze awtomobil ýolunyň «Türkmenbaşy–Garabogaz» bölegi 207 kilometr uzynlykda bolup, Türkmenbaşy şäherinden başlap Garabogaz aýlagynyň üstünden geçýän köprä çenli dowam eder. Soňra bu ýol «Garabogazkarbamid» zawodynyň çägindäki aýlaw ýol bilen birikdirilip, Gazagystan bilen döwlet serhedine çykarylar.

Ýoluň gurluşygy dört zolakly bolup, onuň umumy giňligi 27,5 metrdir. Her taraplaýyn gatnaw zolaklarynyň giňligi 7,5 metr, bir gatnaw zolagynyň giňligi bolsa 3,75 metr bolar. Ýoluň gurluşygy birnäçe gatly örtükden ybarat bolar: deňeşdirilen we dykyzlandyrylan toprak gatynyň üstüne geotekstil, 30 sm galyňlykda iri däneli çägeli-çagyl garyndysy, 20 sm galyňlykda ownuk däneli çägeli-çagyl garyndysy, 8



sm galyňlykda iri däneli gyzgyn asfaltbeton, 7 sm galyňlykda dykyz iri däneli gyzgyn asfaltbeton we soňky gat hökmünde 5 sm galyňlykda ownuk däneli gyzgyn asfaltbeton gatlary goýlar. Magistralyň geçirijilik kuwwaty sagatda 580 ulag, her gün bolsa, takmynan, 14 müň ulag bolar.

Täze köpri we awtomagistral ýurdumyzyň günbatar we demirgazyk sebitleriniň arasynda, şeýle hem goňşy döwletler bilen ýük daşamalaryň, ulag we ýolagçy gatnawlarynyň möçberini ep-esli artdyrar. Şeýle-de bu ulag ugry Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň üsti bilen geçirilýän ýükleriň mukdaryny hem artdyrmaga mümkinçilik berer.

«Türkmenbaşy–Garabogaz–Gazagystan serhedi» awtomobil ýoly Eýrany, Türkmenistany we Gazagystany baglanyşdyrýan Merkezi Aziýanyň awtomobil-logistika ulgamynyň möhüm bölegi bolup durýar. Şeýle hem bu ýol halkara Demirgazyk–Günorta ulag geçelgesiniň möhüm bölegi hökmünde çykyş edýär. Bu ýol arkaly Russiýadan, Gazagystandan, Türkmenistandan Eýranyň we Hindistanyň sürüjileri öz ýüklerini Demirgazyk we Günbatar Ýewropanyň ýurtlaryna deňiz, demir ýol ýa-da awtomobil arkaly ugratmaga mümkinçilik alarlar.

Şeýle-de baglanyşygyň gowulandyrylmagy sebitleýin söwda gatnaşyklarynyň ösmegine, ýerli işewürleriň goňşy döwletler bilen serhetara haryt alyş-çalşygyny giňeltmegine amatly şert döredýär. Türkmenistan geografik taýdan amatly ýerde ýerleşýär. Şonuň üçin hem ýurdumyz üstaşyr ulag geçelgeleriniň möhüm halkasyna öwrülýär. Türkmenistanyň başlangyjy bilen döredilen «Lapis Lazuli» (Türkmenistan–Owganystan–Azerbaýjan–Gruziýa–Türkiýe) ulag geçelgesi bilen bir hatarda, «Halkara Demirgazyk–Günorta geçelgesi» hem ösüşiň möhüm ugry bolup durýar. Bu taslamalar Türkmenistanyň halkara logistika ulgamynda öňe saýlanmagyny üpjün edýär.

**Şatlyk HAJYÝEW,**
*Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň arassaçylyk-gigiýena bölüminiň agyz suw boýunça sanitariýa lukmany.*

## ÖSÜŞE BESLENÝÄR BALKAN TOPRAGY

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň welaýatlaryny toplumlaýyn ösdürmek hem-de senagat, ulag infrastrukturasyny giňeltmek boýunça zerur işler alnyp barylýar. Ýakynda hormatly Prezidentimiz Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, Türkmenbaşy etrabynyň çäginde kuwwatlylygy ýylda 1 million 155 müň tonna karbamid öndürýän toplumyň gurluşygynyň, Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy – Garabogaz böleginiň düýbüni tutmak, şeýle hem Esenguly etrabynda kuwwatlylygy gije-gündizde 20 müň kub metr bolan agyz suwuny arassalaýjy desganyň we Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň açylyş dabaralaryna gatnaşdy.

Esenguly etrabyndaky 8 gektar meýdanda ýerleşýän, Ýewropanyň ýokary hilli tehnologiýalary ornaşdyrylan, deňiz suwundan bir gije-gündiziň dowamynda 20 müň kub metr arassa agyz suwuny öndürmäge ukyply bolan agyz suwuny arassalaýjy täze desga diňe bir arassa agyz suw üpjünçiliginiň binýadyny berkitmek bilen çäklenmän, eýsem, ýurdumyzyň iň gymmatly baýlygy bolan ynsan saglygynyň döwlet syýasatynda ileri tutulýan ugur bolup durýandygyna şaýatlyk edýär.

Karbamid öndürýän döwrebap toplumyň gurulmagy bolsa ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösmegine uly itergi berer. Bu ýerde bir gije-gündiziň dowamynda 2 müň tonna, ýylda bolsa 660 müň tonna ammiak öndüriler we ol çig mal hökmünde karbamid önümçiliginde peýdalanylar. Kärhanada bir gije-gündiziň dowamynda 3 müň 500 tonna, ýylda bolsa 1 million 155 müň tonna karbamid döküni öndüriler. Bu döwrebap kärhanada öndüriljek dökünler daşary ýurtlara hem eksport ediler. Şeýle beýik işler täze kärhanada müňden gowrak täze iş orunynyň dörediljekdigi we zähmet çekjek hünärmenleriň



köpüsiniň daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanyp, olaryň işlemegi üçin ähli zerur şertleriň dörediljekdigi üçin begenjimiziň çägi ýok.

Balkan welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça maksatnamalaýyn işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda Türkmenbaşy etrabynyň çäginde utgaşykly dolanyşykda işleýän elektrik stansiýasynyň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar. Balkan welaýatynyň Guwlymaýak şäherçesinde medeni-durmuş maksatly desgalar toplumynyň gurluşygy dowam edýär. Şeýle hem Gyzylarbat etrabynda döwrebap obanyň, häzirki zaman köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasynyň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda barýar.

Esenguly etrabynda agyz suwuny arassalaýjy desganyň we Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň dabaraly açylyp ulanmaga berilmegi, Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplumyň, Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy – Garabogaz böleginiň düýbüniň tutulmagy bolsa welaýatymyzyň ösüşlere beslenýändigini ýene bir gezek subut edýär.

Halkymyzda ýol çekmek, köpri gurmak döwletlilik hasaplanýar. Ata-babalarymyzyň ýol çekmek, köpri gurmak ýaly asylly ýörelgeleri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary we hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen barha rowaçlanýar. Welaýatymyzyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrjak karbamid öndürýän döwrebap toplumyň düýbüniň tutulandygy, agyz suwuny arassalaýjy täze desganyň açylandygy, köpri gurmak, ýol çekmek ýaly sogap işleriň ýurdumyzyň ähli sebitleri bilen birlikde Balkan welaýatynda hem durmuşa geçirilýändigi üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir.

**Güljahan GARAKGAÝEWA,**
*Gyzylarbat etrabyndaky 24-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Saglyk bilimi – sagdyn jemgyýetiň özeni

Adam saglygy jemgyýetiň iň gymmatly baýlygydyr. Halkymyzyň arassa, sagdyn we bagtyýar ýaşamagy döwletimiziň içeri syýasatynyň möhüm ugrudyr. Ýurdumyzda alnyp barylýan «Sagdyn jemgyýet – bagtyýar durmuş» ýörelgesi ilatyň saglygyny goramaga, lukmançylyk hyzmatlarynyň derejesini ýokarlandyrmaga we bu ugurda ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilendir.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda döwrebap hassahanalar, saglyk öýleri, anyklaýyş-barlag merkezleri gurlup, ilata ýokary derejeli lukmançylyk hyzmatlary ýetirilýär. Bu ulgamyň ösüşinde «Saglyk» döwlet maksatnamasy, şeýle hem Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň alyp barýan işleri möhüm orun eýeleýär. Ýurdumyzda häzirki zaman anyklaýyş enjamlary, lazer bejergisi, genetiki barlag we telelukmançylyk hyzmatlary giňden ornaşdyrylýar. Bu bolsa lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrýar we ilatyň saglygyny goramagyň halkara derejesindäki standartlaryna laýyk gelýär. Türkmen lukmanlary häzirki döwürde diňe içerki däl, eýsem, halkara derejesindäki okuw merkezlerinde hem bilim alýarlar. Bu bolsa olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmaga, dünýä lukmançylyk tejribesini özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Saglyk bilimi jemgyýetiň sagdyn ösüşiniň binýady bolup durýar. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti lukmançylyk ulgamynda kämil hünärmenleri taýýarlamakda aýratyn orny eýeleýär. Bu ýokary okuw mekdebi täze tehnologiýalar bilen üpjün edilip, talyplara halkara standartlaryna laýyk bilim berilýär. Uniwersitetiň talyplary bejeriş işi, pediatriýa, stomatologiýa, farmasiýa, jemgyýetçilik saglygy, laboratoriýa barlaglary ýaly ugurlarda taýýarlanýar.



Mundan başga-da, orta hünär derejeli saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamak üçin ýöriteleşdirilen lukmançylyk mekdepleri hereket edýär. Olar welaýatlarda saglygy goraýyş ulgamyny işgärler bilen üpjün edýär.

Saglyk biliminiň giňden ýaýramagy ilatyň arassaçylyk, dogry iýmitlenmek, bedenterbiýe we öňüni alyş çäreleri baradaky habarlylygyny artdyrýar. Bilimli adam saglygyny goramagyň, ýokanç keselleriň öňüni almagyň we arassa durmuş ýörelgesini wagyz etmegiň möhüm subýektidir. Türkmenistanyň jemgyýetçilik saglygy boýunça maksatnamalary (meselem, «Sagdyn enelik we çaga döwrüni goramak», «Ýokanç däl keselleriň öňüni almak») ilatyň saglyk bilimini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

Türkmenistan Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlygy alyp barýar. Bu hyzmatdaşlygyň çäklerinde ýokanç keselleriň öňüni alyş çäreleri, sanjym maksatnamalary, jemgyýetçilik saglygy boýunça okuw maksatnamalary üstünlikli amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda elektron saglyk maglumat ulgamynyň döredilmegi lukmançylyk hyzmatlarynyň elýeterliligini we netijeliligini ýokarlandyrýar. Şeýlelikde, Türkmenistan saglygy goraýyş ulgamyny halkara ölçeglerine laýyk derejede ösdürýär.

**Tyllagözel NURYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mikrobiologiýa kafedrasynyň mugallymy.*

## Türkmen dilini we edebiýatyny öwrenmegiň usullary

Her bir halkyň milli keşbini, taryhyny we medeni mirasyny saklaýan iň gymmatly hazynasy onuň dilidir. Türkmen dili halkymyzyň ruhy baýlygynyň, aň-paýhasynyň we milli aýratynlygynyň aýdyň beýanydyr. Şonuň üçin ýaş nesillerde türkmen diline, edebiýatyna we medeni mirasyna bolan söýgini, gyzyklanmany hem-de hormaty ösdürmek döwlet derejesinde möhüm wezipe bolup durýar. Häzirki döwürde jemgyýetde ylmy-tehnologik ösüşler bilen birlikde, ýaşlaryň düşünje dünýäsine täze maglumat çeşmeleri täsir edýär. Şeýle şertlerde milli dilimizi we edebi mirasymyzy ýaşlara döwrebap, gyzykly we döredijilikli görnüşde ýetirmegiň ähmiýeti örän uludyr.

Türkmen dili we edebiýaty sapaklary diňe bir dil öwretmek däl, eýsem, şahsyýetiň ahlak, medeni we watançylyk taýdan kämilleşmeginiň hem esasy guralydyr. Bu sapaklaryň dowamynda okuwçy halk döredijiliginiň baý dünýäsi bilen tanyşýar, ýazyjy-şahyrlaryň döredijiligini öwrenýär, dil we düşünje baýlygyny ösdürýär, döredijilikli pikirlenmegi we öz pikirini çeper beýan etmegi öwrenýär. Edebiýat ýaşlaryň söz baýlygyny artdyrmak bilen birlikde, duýgudaşlyk, ynsanperwerlik, zähmetsöýerlik, watansöýüjilik ýaly ruhy gymmatlyklary hem siňdirýär.

### OKUWÇYLARYŇ HÖWESINI ARTDYRMAGYŇ NETIJELI USULLARY

1.Dili we edebiýaty öwredýän mugallymlar sapaklaryny diňleýjini gyzyklandyrýan görnüşde geçirmelidir. Teswirli oýunlar, toparlara bölünen döredijilik ýaryşlary, sesli okuwlar, interaktiw sowallar, sahna çykyşlary ýaly usullar okuwçylaryň işjeňligini ýokarlandyrýar.



2.Türkmen diline bagyşlanan çäreleri (dil güni, şahyrlaryň hatyra günleri, edebi agşamlary) geçirmek okuwçylarda milli buýsanç duýgusyny artdyrýar.

3.Döredijilik bäsleşikleri okuwçylaryň ukybyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Bäsleşiklerde üstünlik gazanan okuwçylar dil we edebiýat sapaklaryna aýratyn höwes bilen gatnaşýarlar, bu bolsa beýleki okuwçylara hem täsir edýär.

4.Okuwçylaryň sanly serişdeler arkaly dil öwretmek täsirli usullaryň biridir. Elektron kitaplar, ses ýazgyly edebiýatlar, onlaýn testler we interaktiw maglumat platformalary arkaly okuwçylaryň gyzyklanmasy artýar.

5. Mugallymyň türkmen diline bolan söýgüsi, döredijilikli çemeleşmesi we medeni derejesi okuwçylara ruhy täsir edýär.

Döredijilikli okuw usullary, döwrüň talabyna laýyk sanly mümkinçilikler, medeni çäreler ýaş nesilde öz diline bolan söýgini we buýsanç duýgusyny ösdürilýär. Söýgi bilen öwrenilen dil diňe bir aragatnaşyk serişdesi däl, eýsem, halkyň ruhy baýlygynyň dowamlylygyny üpjün edýän beýik mirasdyr.

**Çynar ÇARYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki tebigy ugurly derslere ýöriteleşdirilen 44-nji orta mekdebiň türkmen dili we edebiýaty mugallymy.*

## ÝURDUMYZ ÝUNESKO-nyň MASLAHATLARYNA IŞJEŇ GATNAŞÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ştab-kwartirasy Fransiýanyň Pariž şäherinde ýerleşýän Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen edarasy (ÝUNESKO) 1945-nji ýylyň 16-njy noýabrynda döredilýär we şol gün bu guramanyň Düzgünnamasyna gol çekilýär.

Ýurdumyz 1993-nji ýylyň 13-nji awgustynda ÝUNESKO-nyň doly hukukly agzasy boldy. 1994-nji ýylda ýurdumyz bu guramanyň «Bütindünýä medeni we tebigy mirasyny goramak baradaky» Konwensiýasyna goşuldy. ÝUNESKO-nyň «Bütindünýä medeni we tebigy mirasyny goramak baradaky» Konwensiýasynyň çäklerinde häzirki wagtda Türkmenistanyň çäginde taryhy we medeni ähmiýetli köp sanly ýadygärlikler ýüze çykaryldy we hasaba alyndy. Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň 2011-nji ýylda ÝUNESKO-nyň «Maddy däl medeni mirasy goramak baradaky» Konwensiýasyna goşulmagy netijesinde bu gurama bilen hyzmatdaşlygymyzyň gerimi has-da giňedi.

1995-nji ýylda Pariž şäherinde ÝUNESKO-nyň ýanynda Türkmenistanyň wekilhanasy açyldy. ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Türkmenistanyň Milli toparynyň döredilmegi bilen hyzmatdaşlyk has-da möhüm ähmiýete eýe boldy. 2020-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda Türkmenistan bilen ÝUNESKO-nyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek we bu toparyň işini kämilleşdirmek hakynda karar kabul edildi. Bu karara laýyklykda, ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Türkmenistanyň milli toparynyň düzümi we onuň Düzgünnamasy tassyklandy.

ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň netijesinde «Gadymy Merw» döwlet medeni-taryhy goraghanasy, «Köneürgenç» döwlet medeni-taryhy goraghanasy, «Nusaýyň Parfiýa galalary» döwlet medeni-taryhy goraghanasy, «Görogly» şadessany, «Küştdepdi» aýdym we tans dessury, «Nowruz» baýramy, «Türkmen milli halyçylyk sungaty», «Dutar ýasamak senetçiligi hem-de dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungaty», «Türkmen keşdeçilik sungaty», akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň «Golýazmalar ýygyndysy», «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» ýaly birnäçe taryhy ýadygärliklerimiz, milli medeni mirasymyz ÝUNESKO-nyň gymmatlyklarynyň sanawyna girizildi. Paýtagtymyz Aşgabat şäheri ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna «Dizaýn ugry» boýunça goşuldy, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy ÝUNESKO-nyň Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetiniň resmi agzalygyna kabul edildi.



Dünýädäki ilkinji ÝUNESKO kluby 1947-nji ýylda Ýaponiýanyň Sendaý şäherinde açylýar. Ýurdumyzyň bu gurama bilen hyzmatdaşlygynyň çäklerinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Medeni miras: geçmişden geljege», Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda «Durnukly ösüş üçin Ekologiýa bilimi» ÝUNESKO kafedralary, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Parahatçylyk medeniýeti», Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde «Dermanlyk ösümliklerimiz – saglymyz, mirasymyz», Türkmen oba hojalyk institutynda «Daşky gurşawy goramak – durnukly ösüşiň möhüm konsepsiýasy», Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda «Parahatçylyk dilleri», Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda «Ahalteke atlary – parahatçylygyň ilçileri», Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde «Parahatçylyk, ynanyşmak – ynsanperwerligiň we ösüşiň binýady» atly klublar açyldy.

«ÝUNESKO-nyň Assosirlenen mekdepleri» atly taslama 1953-nji ýylda öz işine başlaýar. Ýurdumyzyň birnäçe orta mekdepleri «ÝUNESKO-nyň Assosirlenen mekdepler toruna» girizildi.

Görnüşi ýaly, ýurdumyz ÝUNESKO bilen örän giň we netijeli hyzmatdaşlygy amala aşyrýar. Munuň hakykatdan hem şeýledigine biz ýurdumyzyň bu gurama bilen hyzmatdaşlygynyň çäginde ýeten sepgitlerinden hem doly göz ýetirip bilýäris.

**Güýçmyrat SOLTANMYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.*

## EKOLOGIÝA WE DAŞKY GURŞAW – ABADANÇYLYGYŇ GÖZBAŞY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Döwlet Baştutanymyzyň sözleri ýurdumyzda amala aşyrylýan, diňe milli däl-de, sebitleýin ekoulgamlary gorap saklamaga gönükdirilen özgertmelerde öz doly subutnamasyny tapýar.



Türkmenistanyň ekologik strategiýasynyň düýp özeni güýçli kanunçylyk binýadydyr. Häzirki wagtda binýatlaýyn hukuk namalarynyň bir topary kabul edilip, üstünlikli hereket edýär. Bu resminamalar tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak, biologik köpdürlüligi gorap saklamak hem-de ýurduň «ýaşyl» ykdysadyýete tapgyrlaýyn geçmegini üpjün etmek üçin berk hukuk esasyny döredýär.

Milli tokaý maksatnamasy: özgertmeleriň aýrylmaz bölegi hökmünde Türkmenistanyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasy durmuşa geçirilýär. Bu strategik resminama ýurdumyzyň Howanyň üýtgemegi baradaky milli strategiýasynyň wezipeleri bilen aýrylmaz baglanyşykda bolup, ýaprakly, pürli, miweli hem-de çöl ösümlikleriniň millionlarça nahallarynyň ekilmegini göz öňünde tutýar. Şeýlelikde, şäherleriň töwereginde we ulag ýollarynyň ugrunda ýaşyl guşaklar hem-de tokaý zolaklary döredilýär. Bu bolsa çölleşmäniň öňüni almakda iň täsirli çäreleriň biridir.

Ýakynda ýurdumyzda güýzki ähliahalk bag ekmek çäresi geçiriler. Bu giň gerimli ekologik çäre ýurduň ähli sebitlerinde guralar. Çäräniň dowamynda türkmen arçasynyň nahallarynyň hem oturdylmagy meýilleşdirilýär. Türkmenistanda döwlet maksatnamalarynyň çäklerinde şeýle ähliahalk bag ekmek çäreleri yzygiderli geçirilýär. Olary geçirmek bilen esasy maksat ýurduň bagy-bossanlyga öwrülmegini we ekologik ýagdaýyň gowulanmagyny gazanmakdan ybaratdyr.

Ýurdumyzyň alymlary degradirlenen çöl we öri meýdanlaryny dikeltmek boýunça ylmy maslahatlary taýýarlamak ugrunda iş alyp barýarlar. Bu iş ekoulgamlary goramakda möhüm ähmiýete eýedir.

Halkara hyzmatdaşlyk: Türkmenistan dünýä jemgyýetçiliginiň jogapkär agzasy hökmünde daşky gurşawy goramak boýunça onlarça halkara konwensiýalaryň we şertnamalaryň gatnaşyjysydyr. 2023-nji ýylyň dekabr aýynda Dubaýda geçirilen COP28 howa sammitinde hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Bütindünýä metan borçnamasyna goşulýandygyny aýtdy. Bu ädim daşary döwletler we halkara guramalar bilen metan zyňyndylaryny azaltmak boýunça hyzmatdaşlygyň Ýol kartasynyň kabul edilmegi bilen berkidildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Merkezi Aziýa ýurtlary üçin çölleşmä garşy göreş boýunça Sebitleýin merkezi döretmek başlangyjy aýratyn üns berilmäge mynasypdyr. Bu taslamanyň esasy maksady sebitleýin ylmy-tehniki mümkinçilikleri birleşdirmek we daşky gurşawy goramak babatda hyzmatdaşlygy güýçlendirmekdir.

Şeýlelikde, Türkmenistan oňyn bitaraplyk ýörelgelerine berk eýerýän döwlet hökmünde sebitleýin we halkara derejede ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen anyk, netijeli teklipler bilen çykyş edýär. Içerki özgertmeleriň toplumlaýyn häsiýeti we daşary syýasatda işjeňlik ýurdumyzyň dünýäniň ekologik gün tertibinde möhüm orny eýelemegini üpjün edýär.

**Aýbölek PERDÄÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň medisina ekologiýasy we gigiýena kafedrasynyň mugallymy.*

## Medeni mirasymyz – milli gymmatlygymyz

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe taryhy özgertmeleri başdan geçirýän ýurdumyz ähli ugurlarda uly üstünlikleri gazanýar. Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy giňden bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň halkara abraýy belende göterilýär. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi parahatçylygy, özara düşünişmegi, dost-doganlyk gatnaşyklaryny, ynsanperwer ýörelgeleri mundan beýläk-de berkitmäge giň ýol açýar.

Ýurdumyzyň medeniýet ulgamyny ösdürmek, türkmen halkynyň ruhy gymmatlyklaryna esaslanýan döwlet taglymatyny kemala getirmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan köpugurly syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Özboluşly medeni mirasymyz halkymyzyň aýawly saklap, nesilden-nesle geçirip gelýän gaýtalanmajak maddy we ruhy gymmatlyklarynyň bitewi ulgamydyr.

Medeni diplomatiýa ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da artdyrmaga ýardam bermek bilen, döwlet Baştutanymyzyň netijeli halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen daşary syýasy strategiýasyny durmuşa geçirmegiň möhüm şerti hökmünde çykyş edýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe medeniýet we sungat işgärleriniň täze eserleri döredip, watandaşlarymyzy täze üstünliklere hem-de zähmet ýeňişlerine ruhlandyrmaklary üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Sungat ulgamynda hem halk halyçylary, ussat bezeg we nakgaşlyk işleri halkara derejesinde ykrar edilýär.



Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde 2024-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde berlen tekliplere laýyklykda, medeni diplomatiýany ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy we şu Strategiýany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy.

Gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan şan-şöhratly türkmen medeniýeti adamzadyň geçmişine içgin hem ylmy jähtden göz aýlamaga, halklaryň, medeniýetleriň özara gatnaşygyna düşünmäge hem-de olary ösdürmäge ýardam berýär. Türkmenistanyň çägindäki gadymy medeniýetleriň tapyndylary, taryhy galalar, ýadygärlikler toplumlary ýurdumyzyň ösen ylym-bilimi, medeniýetidir sungaty özünde jemleýän gadymy mekan bolandygyny doly subut edýär. Dünýä medeniýetiniň, tutuş adamzadyň aýrylmaz bölegi bolan taryhy-medeni, tebigy gymmatlyklary geljek nesiller üçin gorap saklamakda giň möçberli işleriň alnyp barylmagy möhüm ugurdyr. Şeýle işler medeni ugurdaky halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de üstünlikli dowam etdirmäge, milli gymmatlyklary wagyz etmäge, ählumumy abadançylygy üpjün edýän medeni-ynsanperwer dialogy çuňlaşdyrmaga gönükdirilen giň gerimli işlere badalga bolup çykyş edýär.

**Güljemile ŞAMYRADOWA,**
*Aşgabat şäher häkimliginiň «Bagt köşgi» toý dabaralary merkeziniň medeni-usulyýet merkeziniň usulyýetçi maslahatçysy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Saýlawlarda ýeňiş gazandy.** 4-nji noýabrda demokrat Zohran Mamdani Nýu-



Ýork şäheriniň meriniň saýlawlarynda sesleriň 50,4 göterimini alyp, bu wezipäni eýelän ilkinji musulman boldy. Mamdani iň ýakyn bäsdeşi, garaşsyz dalaşgär Endrýu Kuomony 9% artykmaçlyk bilen ýeňdi. Şeýlelikde, 34 ýaşly Mamdani Nýu-Ýork şäheriniň ilkinji musulman meri, Günorta Aziýa asylly ilkinji mer we soňky bir asyryň iň ýaş meri hökmünde taryha girdi.

**Grawýura auksiona çykarylar.** Ýaponiýanyň Okada muzeýi meşhur «Kanagawede uly



tolkun» atly grawýurasyny auksiona çykarar. XIX asyrda ýapon suratkeşi Kasusika Hokusaýyň döreden eseri ýapon sungatynyň iň naýbaşy eserleriniň biri hasaplanýar. Grawýura 22-nji noýabrda Gonkongda «Sotheby's» auksionynda satuwa çykarylar. Bilermenler bu kolleksiýanyň azyndan 50 million amerikan dollaryna satyljakdygyny çaklaýarlar.

**Hatly çüýşe tapyldy.** Birinji jahan urşy döwründe iki awstraliýaly esgeriň 1916-njy



ýylyň 15-nji awgustynda ýazan haty Günbatar Awstraliýanyň kenaryndan tapylan çüýşäniň içinden çykdy. Haty Adelaidadan ugran gämide barýan esgerler Malkolm Newill we Wilýam Harli ýazypdyr. Olar hatlarynda geljege umyt baglaýarlar. Newill söweşde wepat bolýar, Harli 1934-nji ýylda aradan çykýar. Newill bilen Harliniň agtyklary bu açyşyň «ýüz ýyldan soň maşgalalaryny gaýtadan birleşdirendigini» aýtdylar.

**Täze şaýylyk çykaryldy.** Argentinanyň Merkezi banky Maradonanyň geçiren golunyň



suraty çekilen şaýylygy çykardy. Şaýylykda Diego Maradonanyň 1986-njy ýyldaky Dünýä çempionatynyň çärýek finalynda Angliýanyň ýygyndysynyň derwezesinden (2-1) gol geçirmezden öňki ylgawynyň ýoly görkezilýär. Hüjümçi meýdançanyň merkezinden top bilen öňe gidip, ýeňiş getiren goluny saldy. Şaýylyk 925 probalyk kümüşden ýasalyp, simwoliki bahasy 10 dollardyr.

**Kaşan şäheri hasaba alyndy.** Eýranyň Kaşan şäheri resmi taýdan ÝUNESKO-nyň Şä-



herleri öwrenýän global toruna (GNLC) girizildi. ÝUNESKO-nyň Eýrandaky Milli komissiýasynyň Baş sekretary Hasan Fartusi bu habary Samarkantda geçirilen ÝUNESKO-nyň 43-nji Baş maslahatynda mälim etdi. Şeýlelikde, Kaşan şäheri Rim, Pariž we Barselona ýaly durnukly arhitekturasy we baý medeni mirasy bilen tanalýan şäherleriň hataryna goşuldy.

**Dünýäniň iň beýik buthanasy.** Ispaniýanyň Barselona şäherinde gurluşygy 100 ýyldan



hem köp wagtdan bäri dowam edýän Sagrada Familiýa buthanasynyň haçynyň ilkinji böleginiň dakylmagy bilen, dünýäde iň beýik buthana boldy. Ispan bazilikasynyň beýikligi 162,92 metre ýetdi. Haçyň galan bölegi gurnalandan soň, Isa Mesihiň adyny göterýän ybadathananyň merkezi diňi 172 metre ýeter.

**Kiçijik ýük ulagyny hödürledi.** «Toyota» awtoulag korporasiýasy «Japan Mobility Show 2025» sergisinde «IMV Origin» atly kiçijik ýük ulagyny görkezdi. Kompaniýa muny «bilkastlaýyn tamamlanmadyk» diýip atlandyrdy. Ulagy ösüp barýan bazarlara, hususan-da, Afrikada ýarym gurnalan ýagdaýda satuwa çykarmak we ony ýönekeý gurallar arkaly ýerinde ýygnamak teklip edilýär. Ol Afrikanyň oba ýerlerinde ulanmak maksady bilen işlenip düzüldi.



## Liberallar öňdeligi eýeledi

**Rob Ýetteniň ýolbaşçylygyndaky çepçi liberal partiýa «Demokratlar 66» (D66) 22-nji oktýabrda Niderlandlarda geçirilen parlament saýlawlarynda öňde barýar we Gert Wildersiň aşa sagçy «Erkinlik partiýasyndan» 1 ses bilen öňe saýlanyp, ýeňiş gazandy.**

**Şeýlelikde, wagtyndan öň geçirilen saýlawlarda «D66» partiýasy 150 orunlyk parlamentiň aşaky palatasyndan 27 orun, «Erkinlik partiýasy» bolsa 26 orun eýeledi. Sagçy liberal «Erkinlik we demokratiýa üçin halk partiýasy» 22 orun bilen üçünji orny eýeledi. Bu netije liberallar üçin ýeňiş hasaplansa-da, «Erkinlik partiýasy» üçin ýeňlişi aňladýar, çünki öňki saýlawlarda olar 37 orun gazanypdylar. Howa meseleleri boýunça ozalky Ýewropa komissary Frans Timmermansyň ýolbaşçylygyndaky «Zähmet partiýasy» we «Ýaşyl» çepçiler koalisiýasy 20 orun bilen diňe dördünji orny eýeledi. Timmermans eýýäm bu bileleşigiň lideri wezipesinden çekilýändigini mälim etdi.**

**«D66»-nyň 38 ýaşly lideri Rob Ýetten Niderlandlaryň taryhynda iň ýaş Premýer-ministr bolup biler. Häzir Patyşalyk birnäçe aýlap dowam edip biljek çylşyrymly hökümet gurmak prosesi bilen ýüzbe-ýüz bolýar.**

**Koalisiýanyň döredilmegi öňde we bu gezek esasy syýasy güýçleriň Wildersiň «Erkinlik partiýasy» bilen iş salyşjakdygy gümana. «Erkinlik partiýasy» 2023-nji ýyldaky saýlawlarda ynamly ýeňiş gazandy we koalisiýa döretmek boýunça ýedi aýlap gepleşik geçirdi. Netijede, hökü-**



**met bir ýyldan hem az wagt işledi we Wilders immigrasiýa meseleleri boýunça düşünişmezlikler sebäpli koalisiýadan çykýandygyny mälim etdi.**

**Iýun aýynda immigrasiýa düzgünlerini güýçlendirmek baradaky teklipleri koalisiýa hyzmatdaşlary tarapyndan kabul edilmändigi sebäpli «Erkinlik partiýasy» dolandyryjy koalisiýadan çykandan soň Gert Wilders gyssagly saýlawlary mälim etdi. Bu saýlawlarda Wilders ýurtda iň berk bosgunlyk düzgünlerini ornaşdyrmak baradaky wadalaryny gaýtalady.**

## ÝUNESKO-nyň maslahaty geçirilýär

Samarkantda ÝUNESKO-nyň Baş konferensiýasynyň 43-nji sessiýasy geçirilýär. 30-njy oktýabrda öz işine başlan maslahat 13-nji noýabra çenli dowam eder we ÝUNESKO-nyň geljekki döwür üçin syýasatyny we strategik ugurlaryny kesgitlemek üçin esasy platforma bolup hyzmat eder.

Forum 40 ýyldan soň ilkinji gezek Parižدäki ÝUNESKO-nyň ştab-kwartirasynyň daşynda, Merkezi Aziýada geçirilýär. Çärä 194 agza döwletden we halkara guramalardan 4 müňden gowrak wekil gatnaşýar. Açylyş dabarasyna Serbiýanyň Prezidenti Aleksandr Wuçiç, Slowakiýanyň Prezidenti Peter Pellegrini we beýleki myhmanlar gatnaşdylar.

– Biz şeýle wekilçilikli forumyň ýurdumyzda geçirilmegini guramanyň agza döwletleriniň Özbegistanda amala aşyrylýan işjeň, giň gerimli özgertmelere bolan ýokary ynamynyň beýany hökmünde görýäris. Biziň forumymyzyň Samarkantda geçirilmegi çuňňur simwolik ähmiýete eýedir, bu ýer özboluşly bilimleriň, medeniýetara gatnaşyklaryň we ynsanperwer pikirleriň merkezi hökmünde adamzat taryhyna girdi. Samarkant uzak wagtlap adamzadyň beýik açyşlarynyň dörän ýeri, ylmyň, edebiýatyň we medeniýetiň gülläp ösen şäheri bolupdyr – diýip, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew maslahatyň açylyşynda aýtdy.

Prezidentiň metbugat sekretary Şerzod Asadowyň brifingde beren maglumatyna görä, sessiýanyň dowamynda 150-den gowrak çäre geçiriler. Şol sanda Özbegistanyň başlangyjy bilen 20-den gowrak çäre guralar.

– Soňky sekiz ýylyň dowamynda serişdeler iki esse artdy. Bu bolsa býujeti dikeltmäge ýardam berdi. Häzirki wagtda guramamyz has açyk we has




çeýe bolup, çylşyrymly talaplara jogap berýär. Biz ÝUNESKO-ny bilelikde XXI asyryň täze talaplaryna emeli aň, täze tehnologiýalar, bilimiň geljegi ýa-da tehnologiýalaryň etikasy ýaly meselelere çekdik. Biz ÝUNESKO-nyň öz çagyryşyna has wepaly bolmagyna ýardam etdik, şol bir wagtyň özünde oňa häzirki zamanyň kynçylyklaryny ýeňip geçmäge mümkinçilik berdik – diýip, ÝUNESKO-nyň öňki Baş direktory Odri Azule nygtady.

Dünýn Müsüriň öňki Syýahatçylyk we gadymy ýadygärlikler ministri Haled El-Anani ÝUNESKO-nyň Baş direktory wezipesine tassyklandy. Ol oktýabr aýynyň başynda guramanyň Ýerine ýetiriji geňeşinde geçirilen ses berişlikde 57 sesden 55-sini alypdy.

## APEC-iň maslahaty geçirildi

31-nji oktýabr – 1-nji noýabrda Koreýa Respublikasynyň Kýonju şäherinde Aziýa-Ýuwaş ummany ykdysady hyzmatdaşlygy (APEC) guramasynyň liderleriniň 32-nji resmi däl duşuşygy geçirildi. Maslahata gatnaşyjylar ykdysady hyzmatdaşlygy güýçlendirmek barada pikir alyşdylar we durnukly geljege tarap umumy ýoly kesgitlediler.

Duşuşyga başlyklyk edýän Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Li Çže Mýon täze wehimleri bilelikde ýeňip geçmek üçin sebitde has ýygjam hyzmatdaşlyga we agzybirlige çagyryş etdi. «Biz umumy gülläp ösmegiň esasy maksady üçin birleşip bileris» diýip, Li Çže Mýon nygtady.

«Durnukly ertiri gurmak» mowzugy bilen geçirilen şu ýylky APEC-iň gün tertibi sebitleýin özara gatnaşyklary ösdürmäge, innowasiýalara esaslanýan ösüşi höweslendirmäge we Aziýa-Ýuwaş ummany sebiti üçin has durnukly geljegi döretmäge gönükdirilendir.

1989-njy ýylda esaslandyrylan APEC ykdysady ösüşiň dinamiki hereketlendiriji güýjüne we Aziýa-Ýuwaş ummany sebitinde iň möhüm sebitleýin forumlaryň birine öwrüldi.

«APEC-iň sebitleýin meýilleriniň seljermesi» atly soňky hasabata görä, 2025-nji ýylda sebitde ykdysady ösüşiň öňki çaklamalardan birneme ýokary, 3,1 göterim bolmagyna garaşylýar. Maglumat durnukly söwda ýagdaýy we ýokary tehnologiýaly harytlara bolan güýçli islegiň fonunda täzelendi.




Şol bir wagtyň özünde, hasabatyň awtorlary döwlet bergileriniň artmagy we wagtlaýyn faktorlaryň gowşamagy sebäpli ösüşiň 2026-njy ýylda 2,9 göterime çenli peselmeginiň mümkindigini duýdurýarlar.

Aziýa-Ýuwaş ummany ykdysady hyzmatdaşlygy forumyna 21 ýurt girýär.

## Uly Müsür muzeýi açyldy

1-nji noýabrda Müsürde iň uly arheologik ýadygärlik bolan Giza piramidalarynyň golaýynda gurlan dünýäde ýeke-täk siwilizasiýa bagyşlanan Uly Müsür muzeýi açyldy. Dabara Müsüriň Prezidenti Abdel Fattah Al-Sisi we köp sanly dünýä liderleri gatnaşdy.

Bahasy 1 milliard amerikan dollaryna deň bolan Uly Müsür muzeýi Giza piramidalaryndan bary-ýogy bir kilometr uzaklykda ýerleşýär we 470 müň inedördül metr meýdany eýeleýär. Muzeýiň baş direktory Ahmed Goneýmiň sözlerine görä, muzeýi ýaş nesiller üçin has gyzykly etmek maksady bilen eksponatlar, döwrebap tehnologiýalar, şol sanda proýektorlar we interaktiw VR (Virtual reality – Hyýaly hakykat) çözgütler bilen enjamlaşdyryldy.

– Biz Z nesliniň dilinde aragatnaşyk saklamaga çalyşýarys. Olar köne gurallary ulanmaýarlar, şonuň üçin biz döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrdyk – diýip, Goneým belledi.

Muzeýe her gün 15-20 müň myhmanyň barmagyna garaşylýar. Muzeýiň umumy meýdanynyň 24 müň inedördül metri hemişelik sergi, çagalar meýdançalary, maslahat zallary we bilim edaralary üçin bölünip berler.

Sergi 12 sany esasy galereýada ýerleşip, tema we eýýama görä bölünen taryhdan ozalky döwürden Rim döwrüne çenli eýýamy öz içine alýar. Muzeýde jemi 50 müňden gowrak eksponat bolup, olaryň arasynda Ramsesiň 83 tonnalyk 3200 ýyllyk heýkeli



we piramidalaryň gurluşygynda meşhur bolan faraon Hufunyň 4500 ýyllyk gämisi bar.

Täze muzeýiň artefaktlarynyň köpüsi Kairdäki Müsür muzeýinden getirilip goýuldy, bu ýerdäki kolleksiýa geçen asyrlardan bäri saklanyp gelinýär. Käbir eksponatlar gadymy aramgählerden, esasan hem, Sakkara nekropolundan, şeýle hem täze muzeýden 20 kilometr çemesi uzaklykda ýerleşýän beýleki piramidalardan we mazar toplumlaryndan tapyldy.



## Nýu-Ýorkdaky täze gökdirän

Britaniýanyň «Foster+Partners» binagärlik býurosy tarapyndan Nýu-Ýork şäherinde «270 Park Avenue» gökdiräni bina edildi. Ol şäheriň iň gözel ýerleriniň hem-de ABŞ-nyň iň beýik binalarynyň birine öwrüldi.

Gökdiräniň beýikligi 423 metr. Açylandan soň, ol ýerde «JPMorgan Chase» maýa goýum bankynyň baş edarasy ýerleşdi. Dar ýer böleginde ýerleşýän täze gökdirän özboluşly dizaýna eýedir. Binanyň kuwwatly sütünleri ony şäher derejesinden ýokary göterýär. Onuň fasady bürünç aýnadan ýasalyp, bu ýagdaý töweregindäki beýleki aýna diňler bilen ajaýyp sazlaşygy emele getirýär. 60 gatly binada 10 müň işgär işleýär, şeýle hem 8 sany söwda meýdançasy we uly çäreler üçin meýdançalar bar. Ýokarky gatlarda müşderiler üçin dolandyryş edaralary we müşderileri kabul ediş otaglary ýerleşýär.

«270 Park Avenue» binasy Nýu-Ýork şäherindäki gökdiränleriň arasynda altynjy we ABŞ-nyň binalarynyň arasynda sekizinji orunda durýar. Şeýle hem ol dünýäde 35-nji ýerde durýar. Täze gökdirän «LEED Platinum» derejesine mynasyp boldy, sebäbi onuň gurluşygynda ulanylan materiallaryň 97 göterimi şol ýerde duran öňki binanyň galyndylaryndan gaýtadan işlenip düzüldi.

## Binanyň üçeginde stadion gurlar

Saud Arabystany 350 metrlik gökdiräniň üçeginde stadion gurmagy meýilleşdirýär. Dünýäde ilkinji «asman stadionynyň» taslamasy 1 milliard amerikan dollaryna barabar diýlip çaklanylýar. 46 müň tomaşaçy üçin niýetlenen arena dolulygyna Gün we ýel energiýasy bilen işlär. Geljegiň şäheri bolan Neomdaky stadionyň gurluşygy 2027-nji ýylda başlanmaly we bäş ýylyň dowamynda tamamlanmaly.



2024-nji ýylyň dekabrynda Halkara futbol federasiýalar assosiasiýasynyň (FIFA) kongresi Saud Arabystanyny 2034-nji ýylda Dünýä kubogynyň geçiriljek ýeri hökmünde resmi taýdan tassyklady. Toparlaýyn tapgyrdaky oýunlar we birnäçe pleý-off oýunlar ýurduň 5 şäherindäki 15 stadionda, şol sanda Neomdaky bir arenada geçiriler. «Asman stadionynda» bu oýunlaryň geçirilip geçirilmejekdigi heniz resmi taýdan tassyklanmady.

Neom – Saud Arabystanynyň demirgazyk-günbatarynda, Gyzyl deňziň kenarynda, Müsür we Iordaniýa bilen serhediň golaýynda ýerleşýän gelejegiň uly möçberli «akylly» şäheriniň we ykdysady zolagynyň taslamasydyr. Onuň gurluşygy üçin 500 milliard amerikan dollary bölünip berildi. Neomyň merkezi bölegi dokuz million ýaşaýjyny ýerleşdirmäge niýetlenen 170 kilometre uzaýan «aýnaly gökdirän» bolar.

2023-nji ýylda Saud Arabystanynda «Neom» atly futbol kluby döredildi. «Neom» gurluşyk meýdançasyndan 150 kilometr uzaklykdaky Tabuk şäherine wekilçilik edýän topar bolup, geçen möwsümde ýurduň birinji ligasyna çykypdy.

## TARYHDA ŞU GÜN

**Demokrat Franklin Ruzwelt 1944-nji ýylyň 7-nji noýabrynda ABŞ-nyň Prezidenti wezipesine dördünji möhlete saýlandy. Ol ABŞ-nyň taryhynda iki möhletden köp işlän ýeke-täk Prezident, ýöne ol dördünji möhletinde bary-ýogy 82 gün işländen soň aradan çykdy. Onuň ornuna Garri Trumen geçdi. Şondan soň, prezidentlik möhletini iki möhlet bilen çäklendirýän ABŞ-nyň Konstitusiýasyna girizilen 22-nji düzediş tassyklandy.**



## 2026-njy ÝYLDA BARYP GÖRMELI 25 ÝER

**«National Geographic» syýahatçylyk žurnaly geljek ýyl üçin maslahat berilýän dünýäniň iň gowy ugurlarynyň sanawyny çap etdi. 2026-njy ýylda gezelenç edilmegi maslahat berilýän ýerleriň sanawy düzülende, bilermenler islendik adamy özüne çekjek 25 ýeri saýladylar.**

**Italiýanyň demirgazyk-gündogaryndaky Dolomit daglary sanawyň başyny çekdi. Milanyň golaýyndaky bu sebitde fewral aýynda gyşky Olimpiýa oýunlary geçiriler. Şeýle-de bolsa, ýylyň islendik wagtynda bu gözel sebite baryp görmek iň gowusydyr, sebäbi ýylyň esasy sport çärelerinde köp adamyň bolmagyna garaşylýar we bahalar ep-esli ýokarlanar.**

**Kanadanyň Kwebek welaýaty ikinji orny eýeledi. Syýahatçylara onuň täze tebigy seýilgählerine baryp görmek maslahat berilýär. Ilkinji üçlügi Hytaýyň paýtagty Pekin tamamlady. Sanawy düzüjileriň pikiriçe, syýahatçylar onuň baý taryhyna we özboluşly medeniýetine çuňňur aralaşyp bilerler.**





**2026-njy ÝYLDA SYÝAHAT ETMEK ÜÇIN IŇ GOWY 25 ÝER**

**● Dolomit Alplary (Italiýa). Kwebek (Kanada). Pekin (Hytaý). Dominika adasy, Rabat (Marokko). Hall, Ýorkşir (Angliýa). Bedlends, Demirgazyk Dakota (ABŞ). Manila (Filippinler). Gara deňiz kenary (Türkiýe). Hywa (Özbegistan). Akagera milli seýilgähi (Ruanda). Wankuwer, Britan Kolumbiýasy (Kanada). Ýamagata prefekturasy (Ýaponiýa). 66-njy şaýol, Oklahoma (ABŞ). Uluru-Kata Týuta milli seýilgähi (Awstraliýa). Rio-de-Žaneýro (Braziliýa). Oulu (Finlýandiýa). Koreýa Respublikasy, Gimaraýnş (Portugaliýa). Basklaryň ýurdy (Ispaniýa). Maui, Gawai (ABŞ). Pittsburg, Pensilwaniýa (ABŞ). Oahaka kenarlary, Kosta-Çika (Meksika). Fiji, Medelin (Kolumbiýa).**

**Şeýle hem ajaýyp dag gözellikleri, gaýalary we mawy kölleri bilen tanalýan Kanadanyň Banf şäheri «National Geographic» žurnalynyň okyjylary tarapyndan geljek ýylda baryp görmek üçin iň gowy ýerleriň hataryna goşuldy.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Hytaýyň täsin binasy



Hytaýlylar özleriniň täsin şähergurluşyk taslamalary bilen görenleri haýran galdyrýarlar. Dünýäniň iň beýik binalarynyň sanawynda öňdäki orny eýeleýän bu ýurtda Şanhaý diňi (632 metr), Pinan halkara maliýe merkezi (599 metr), Týanszin CTF maliýe merkezi (530 metr), Şanhaý halkara maliýe merkezi (492 metr), Wuhan ýaşyl merkezi (475 metr) ýaly birnäçe beýik binalar bar. Şeýle binalaryň hataryna «Liebian Building» binasyny hem goşmak bolar.

Hytaýyň Guýçžou welaýatynyň Guýýan şäherinde ýerleşýän «Liebian Building» binasynyň beýikligi 121 metr bolup, bu gök bina 108 metr beýiklikden akýan owadan şaglawugy bilen görenleri haýran galdyrýar. Bu adam tarapyndan döredilen iň uly şaglawuk bolup, tebigy gözellik bilen arhitekturanyň birleşdirilmegine ilkinji gezek gabat gelinýär. 22 gatdan ybarat bu bina 2018-nji ýylda dolulygyna açylyp ulanmaga berilýär. Iş we telekeçilik maksatly niýetlenen bu binada, esasan, ofis otaglary ýerleşýär. Hünärmenlere we işgärlere ylham bermek maksady bilen oýlanyp tapylan bu gurluş Guýýan şäheriniň gözelligini artdyrýar. Binadaky şaglawuk elmydama akdyrylmaýar. Şaglawuk suwy netijeli peýdalanmak hem-de elektrik toguny tygşytlamak üçin şüweleňlerde ýa-da baýramçylyklarda 20 minuta çenli işledilýär. Binanyň ýerzemininde 4 sany suw saklaýyş howdany bolup, şaglawuk üçin, esasan, ýagyş suwy we gaýtadan işlenen lagym suwy ulanylýar. Bu ulgamda agyz suwy ulanylman, şaglawuk şol bir suwy aýlap durýar.



Ofisde işleýänler we raýatlar binanyň howlusynda gezelenç edip, dynç alyp bilýärler. Tomsuna ýygy-ýygydan işledilýän şaglawuk howany salkynlatmaga ýardam edýär. Soňky ýyllarda Hytaýda adamlara ylham berýän täsin binalaryň gurluşygyna uly üns berilýär. Şol sebäpli hem hytaýlylaryň şähergurluşyk taslamalarynda ýaşyl eýwanly, üsti seýilgähli ýa-da howuzly binalar has köp agdyklyk edýär.

# Saçyň düşmeginiň öňüni almagyň tebigy usullary

**Adamlaryň aglaba bölegi saçyna aýratyn ideg etseler hem saçynyň düşýändiginden zeýrenýärler. Saçyň her gün ortaça 50-100 tarynyň gaçmagy adaty ýagdaý hasaplanýar. Ýöne saçyň düşmegi bu ölçegden geçende ýagdaýy anyklamak zerur bolup durýar. Köpleriň saçynyň düşmegi genetika, gormonal deňagramsyzlyk, iýmit ýetmezçiligi, stres, ýarawsyzlyk ýa-da derman serişdeleriniň nädogry ulanylmagy bilen düşündirilýär. Saçyňyzyň yzygiderli düşmegi sizi aladalandyrýan bolsa, tebigy melhemlerden peýdalanyp bilersiňiz. Bilermenler saçynyň düşmeginden ejir çekýänlere şu tebigy usullardan peýdalanyp görmegi maslahat berýärler.**





**Kokos ýagy.** Laurin turşusyna baý kokosyň ýagy saçyň öýjüklerini nemlendirýär, beloklaryň ýitmeginiň öňüni alýar we saçyň köklerini güýçlendirýär. Eliňe kokos ýagyny damdyryp, mazaly siňýänçä kelläňe sürtmeli. 1-2 sagat ýa-da tutuş gije goýanyňyzdan soň, saçyňy mylaýym suwuň aşagynda ýuwmaly. Şampun ulanmazdan bu usuly hepdede 2-3 gezek ulanyp bilersiňiz.



**Zeýtun ýagy we sarymsak.** E witaminine we antioksidantlara baý zeýtun ýagy saçyň öýjüklerini iýmitlendirýär. Bir çaý çemçesi zeýtun ýagyna ownujak dogralan iki çaý çemçesi sarymsagy goşmaly. Melhem mazaly alşandan soň, garyndyny saçyňa owkalap siňdirmeli. 30 minut goýanyňdan soň mylaýym suw bilen ýuwmaly.



**Aloe şiresi.** Aloe gülüniň şiresi saç üçin iň gowy tebigy melhemleriň biridir. Aloe şiresi saçy nemlendirýär, kelläni rahatlandyrýar, saçyň ösmegine kömek edýär. Aloe ýapragynyň gabygyny arassalap, içindäki şepbigi kesip almaly. Soňra şiräni saçyňa çalyp, 30-60 minutlap goýmaly. Aloe şiresine kokos ýagyny ýa-da zeýtun ýagyny hem goşup bilersiňiz. Bu usuly hepdede 1-2 gezek gaýtalap bilersiňiz.



**Soganyň suwy.** Düzüminde kükürt bolan soganyň suwy saçyň düýbüni güýçlendirýär, kelledäki gan aýlanyşygyny ýokarlandyrýar we saçyň kadaly ösmegine ýardam edýär. Antioksidantlara baý bolan soganyň suwy saçyň tarynyň döwülmeginiň hem öňüni alýar. Munuň üçin sogany ownujak dogramaly ýa-da gyrgyçdan geçirmeli. Soňra soganyň suwuny sykyp, süzgüçden geçirmeli. Taýýar bolan ýiti ysly suwuklygy kelläňe sürtüp, 30-60 minut garaşmaly. Soňra saçyňy şampun bilen ýuwup, mata süpürgiç bilen doly guratmaly.



**Gök çaý.** Demini alyp, sowan gök çaý bilen kelläňi ýuwmak saç dökülmesiniň öňüni almaga ýardam edýär. Gök çaýdaky antioksidantlar we B witamini saçyň ýalpyldawuk görünmegine hem-de kadaly ösmegine ýardam edýär. Bu usuly hepdede 3-4 gezek ulanyp bilersiňiz.

Bilermenler saçyň kadaly ösmegi üçin lukmanyň maslahaty bolmazdan berhiz saklamazlygy, ukyňy ýeterlik derejede almagy, stresden uzakda bolmagy, miwe we gök önümleri köp iýmegi, tiz tagamlardan gaça durmagy maslahat berýärler.

# Uzak ýaşamagyň syrlary

**Tehnologiýa enjamlarynyň ösmegi we ekologiýanyň hapalanmagy ýaly ýagdaýlar adamyň ömrüniň dowamlylygyna öz täsirini ýetirýär. Geçirilen barlaglarda deňiz kenarynda we tokaý sebitlerinde mesgen tutanlaryň has uzak ýaşaýandygy ýüze çykaryldy. Bilermenler munuň sebäplerini derňäp, uzak ýaşamak üçin ekologiýanyň arassa bolmagy bilen bir hatarda, sagdyn durmuş ýörelgesini yzygiderli ýöretmegiň möhümdigini belleýärler.**

**Tebigy hereket.** Uzak ýaşamagyň ilkinji ädimi tebigy hereketden başlanýar. Pyýada ýöremek, bag ekmek, öý jandarlaryny idetmek, maşk etmek we sport zallarynda türgenleşmek saglyk üçin peýdaly bolup, özüňi has ýeňil duýmaga kömek edýär. Günortanlyk we agşamlyk naharyndan soň, pyýada gezelenç etmek möhüm şertleriň biri bolup durýar.

**Gün tertibi.** Özüňize görä gün tertibini düzüp, şoňa görä hereket etmek, uzak ýaşamagyň möhüm şertleriniň biridir. Maksatsyz ýa-da garyşyk durmuş ýörelgeleri adamy çalt ýadadýar, höwesini gaçyrýar. Şol sebäpli maksat tutup, ilki bilen gün tertibiniň we işleriň meýilnamasyny düzmeli.



**Kadaly iýmitlenmek.** Aşa köp iýmek, geregindеn artyk naharlanmak bedeniň öz-özüne agram salýar. Bedende artykmaç ýagyň toplanmagy işjeňligiň peselmegine getirýär. Bellenilişine görä, irden we günortan kadaly iýmitlenip, agşamyna «kiçi naharlary» iýmeli. Iýmit sanawynda ösümlik esasly ýaglaryň, süýt we gök önümleriň bolmagy hökmandyr. Bilermenler et önümlerinden balygy we guş etini saýlamagy maslahat berýärler.

**Özüňe erk etmek.** Durmuşda duş gelýän ýagdaýlara we kynçylyklara sabyrly hem-de sowukganly çemeleşmek adam saglygy üçin ähmiýetlidir. Stres, alada nerw öýjükleriniň zeperlenmegine getirip, adamyň aňyny bulaşdyrýar, durmuşa bolan garaýşyna täsir edýär. Bilermenler dartgynly ýagdaýlarda maşk etmegi, meditasiýa sapaklaryny almagy maslahat berýärler.

**Jemgyýetçilik gatnaşygy.** Geçirilen barlaglarda uzak ýaşaýanlaryň maşgala we jemgyýetçilik arabaglanyşygyny saklaýandyklary ýüze çykaryldy. Olar geçirilýän baýramçylyklara, çärelere maşgala agzalary, dost-ýarlary bilen bilelikde gatnaşypdyrlar. Bu adamlaryň ynamyny artdyryp, özlerini bagtly we rahat duýmagyny üpjün edýär. Şeýle hem olar uzak ýaşamakda köp zadyň ýanýoldaşyňa baglydygyny belleýärler.

## ÇAGALAR

**Žiraflaryň diliniň uzynlygy 45 santimetre ýetýär. Bu jandarlar her gün 30 kilogramdan gowrak ot we ýaprak iýýärler.**

# AFRIKANYŇ IŇ UZYN BOÝLY JANDARY



**Ýer ýüzünde ululy-kiçili millionlarça jandar ýaşaýar. Tebigatda çekirtgeden kiçi guşjagaza, pilden uly balyga gabat gelinýär. Bilşimiz ýaly, suwda ýaşaýan iň uly jandar gök kit bolup, bu süýdemdirijiniň uzynlygy 30 metre ýetýär. Gury ýerde ýaşaýan jandarlaryň iň ulusy pil (6 tonna) bolup, iň uzyn boýlusy žiraf hasaplanýar. Geliň, žiraf barada gyzykly maglumatlary öwreneliň!**

Saharanyň günortasyndaky sawannalarda we tokaýlarda ýaşaýan žiraf beýleki janly-jandarlardan boýunyň uzyn bolmagy bilen tapawutlanýar. Boýy 4 metrden 6 metre çenli ýetýän bu jandarlar agaçlaryň ýapraklary bilen iýmitlenýärler. Žiraflaryň iň halaýan iýmiti akasiýa agajynyň ownujak ýapraklarydyr. Mylaýym häsiýetli bu jandarlar bir gije-gündiziň dowamynda 30 minut töweregi dik duran ýerinde uklaýarlar. Ýyrtyjylardan goranyp gezýän alabeder jandarlar hüşgärligi elden bermezlik üçin gününiň esasy bölegini aýak üstünde geçirýärler.



Žirafyň mämişi-goňur tüý örtügi ak çyzyklar bilen bölünip, owadan şekil emele gelýär. Göräýmäge žiraflaryň ählisi birmeňzeş ýaly, ýöne bu jandarlaryň derisindäki owadan nagyşlar biri-birine meňzemeýär. Derisi menekli bu jandaryň iki sany ýumşak şahy we maňlaýynda tüňňerip duran buýnuzy bar. Žiraflaryň diliniň uzynlygy 45 santimetre ýetýär. Uzyn jandarlar boýunyň ýetmeýän şahalaryny dili bilen çekip, ýapraklary iýip bilýärler. Düýäniňkä meňzeş agzy bolan bu jandarlar tikenli ösümlikleri hem aňsatlyk bilen çeýnäp bilýärler. Alabeder jandarlaryň suw içişi hem örän täsin. Žiraflar boýunyň uzynlygy sebäpli iki öň aýagynyň arasyny açyp, soňra suw içýärler.

Tebigatda žirafa meňzeýän jandarlaryň arasynda okapi bilen zebra bar. Žiraflar öz arasynda Demirgazyk žiraf, retikurlinen žiraf, Masaý žiraf we Günorta žiraf ýaly 4 topara bölünýär.

Uzyn boýly jandary görmek üçin onuň ýaşaýan ýeri bolan Afrika gitmegiň zerurlygy ýok. Ony görmek üçin Köpetdagyň etegindäki Janly tebigatyň milli muzeýine baryp bilersiňiz.



## ŽIRAFLAR BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR

- Afrikanyň nyşany bolan bu jandarlar tebigy şertlerde Nigeriýa, Efiopiýa, Namibiýa we Günorta Afrika Respublikasy ýaly 21 ýurtda duş gelýär. Žiraflaryň 70 göterimi ýabany tebigatda ýaşaýar.
- Žirafyň agramy 700 kilogramdan 2 tonna çenli ýetýär.
- Žiraflar diňe ösümlikler bilen iýmitlenýärler. Bu jandarlar her gün 30 kilogramdan gowrak ot we ýaprak iýýärler.
- Žiraflar ýüwrük jandarlar bolup, sagatda 60 kilometr tizlik bilen ylgap bilýärler.
- Alabeder jandarlar 10-dan 20-ä çenli aralykda süri bolup ýaşaýarlar.
- Žiraflar 20-27 ýyla çenli ýaşaýarlar.
- Žiraflaryň boýnunda her biri 25 santimetre çenli ýetýän 7 sany oňurga süňki bolýar.
- Žiraflar ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň biri hasaplanýar. Häzirki wagtda Ýer ýüzünde žiraflaryň sanynyň 90 müň töweregidigi bellenilýär.

(Tymsal)

# Bagbanyň nary

Birwagtlar öz bagynda nar ösdürip ýetişdirýän bir bagban bar eken. Ol güýzde narlaryny öýüniň öňünde kümüş mejimeleriň üstünde goýup, gapdalynda-da şeýle ýazgy goýupdyr: «Birini alyň, öwezine hiç zat gerek däl, noş bolsun!».

Emma adamlar üns hem bermän, mejimeleriň deňinden geçip duranmyşlar. Narlara el uzadýan ýok diýýär. Bagban uzak oýlanyp, ertesi güni narlaryny öýüniň öňünde kümüş mejimelerde goýmaýar. Ol diňe uly harplar bilen ýazylan ýazgyny gapysynyň agzyndan asýar: «Bu jelegaýlarda ösdürilip



ýetişdirilýän narlaryň iň gowulary şu howludadyr. Ýöne olaryň nyrhy has gymmatdyr».

Şondan soň, ol ýeriň ýaşaýjylary nar satyn almak üçin howla tarap eňip ugrapdyrlar.

**Mugt berlen zadyň gadyry bolmaz.**

# Eliňizi talabalaýyk ýuwýaňyzmy?!

**Gündelik durmuşda amallaryň köpüsini, esasan, elimiz bilen ýerine ýetirýäris. Salamlaşýarys, hat ýazýarys, nahar iýýäris, öý jandarlaryny sypalaýarys, baglara timar berýäris... Eliňi ýuwmak hem dişleri arassalamak ýa-da saça timar bermek ýaly zerur endikleriň biridir. Eýsem, siz eliňizi talabalaýyk ýuwýaňyzmy?!**

Mikroblaryň aglaba bölegi elimizde saklanyp, olary ýuwutmak dürli keselleriň döremegine getirýär. Şahsy arassaçylygy berjaý etmek üçin elimizi talabalaýyk ýuwmaly.

Ilki bilen, eliňizi öllemeli. Soňra köpürjikleýänçä sabyn çalmaly. Köpürjigi eliň ähli ýerine – aýasyna, arkasyna, barmaklaryň arasyna, dyrnaklaryň aşagyna azyndan 20 sekuntlap sürtmeli. Soňra mazaly ýuwmaly. Eliňizi ýuwanyňyzdan soň bada-bat guratmaly.

**Näçe wagtdan ýuwmaly?**

Eliňizi günüň dowamynda ýygy-ýygydan ýuwmaly. Esasan hem, eliňize hapa ýokanda, nahardan öň we soň, hajathanadan çykylandan soň, öý jandarlaryny sypalanyňyzdan soň, burnuňyzy elläniňizden soň hem-de üsgürilenden ýa-da asgyrylandan soň eliňizi hökmany ýagdaýda ýuwmaly.



**Gyzgynmy ýa-da sowuk suw?**

Sowuk ýa-da gyzgyn suw mikroblary aýyrmakda deň derejede täsir edýär. Ýyly suw hapalary has gowy aýyrýar. Mikroblary aýyrmakda esasy üns bermeli zat sabyn ulanmakdyr.

**Sabynmy ýa-da zyýansyzlandyryjy serişdeler?**

Eli sabyn bilen ýuwmak iň amatlysy hem-de ýaramlysy hasaplanýar. Gündelik durmuşda eli arassalamak üçin, esasan, sabyn ulanmaly. Zyýansyzlandyryjy serişdeleri ulularyň gözegçiligi astynda peýdalanmak maslahat berilýär.

Eliňizi ýuwanyňyzda suwy tygşytly ulanmagy unutmaň!

### 7 tapawudy tapyň!



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



### Gyzykly pursat





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.




**Oguljan AMANGULYÝEWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**

Üç ölçegli surat

№ 11



Üç ölçegli suratyň jogaby.

№ 10




## SÖZ GOÝMAK

**3 HARPLY:** Ýod, alo, del, alt, gyz, art, aga, yza, taý, dok, tal, lal, ene, ajy.

**4 HARPLY:** Nerw, Gong, Liza, anga, asma, Musa, düme, çeýe, nala, otur, yrym, Änew.

**5 HARPLY:** Keşik, alyjy, zerur, zebra, gaýçy, ykbal, arlyk, owsun.

**6 HARPLY:** Magnit, asylly, şejere, dolama.

**7 HARPLY:** Rotonda, limonad, ~~beýsbol~~, çalajan, meselem, Gulbaba, Mordwin.

**Mekan REÝIMOW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



56-njy KROSSWORD

**Wepa ŞYHYÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



57-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Kynçylyk, päsgelçilik. **2.** Alty aýdan on bir aý aralygyndaky ýaşyna ýetmedik owlak. **4.** «Adam ... – gyzyl gül» (nakyl) **5.** Ümlük. **6.** Daş-töweregini suw gurşap alan gury ýer bölegi. **7.** Hormat, sylag. **8.** Oguz hanyň ogullarynyň biri. **11.** Haýal etmän, dessine. **12.** Ýeriň orbitasyna çykan ilkinji itiň ady. **13.** Patyşanyň maslahatçysy. **14.** Tamdyra çörek ýapmak üçin ele geýilýän tegelek esbap. **18.** Gadymy grek filosofy. **19.** «Garynja gara günde, ... saz bilen söhbetde» (nakyl). **22.** Bir keşbiň ikinji ýerine ýetirijisi. **23.** Ýurdumyzdaky ýadygärlikleriň biri. **26.** ...-tupan. **27.** Mähriban ynsan. **29.** Nota. **34.** Yssyrak ýerlerde ösýän, hemişe gök salyp oturan agaç. **36.** Saýrak guşjagaz. **38.** Bakja ekini. **39.** Edep-tertip. **43.** Çomujyň, gamşyň guran baldagy. **44.** Laçyn, algyr. **46.** Söwütler maşgalasyndan dik ösýän, ýyldyrap duran çalymtyk ýaprakly agaç. **47.** Älem, jahan. **51.** Gyz ady. **52.** Eliň iç ýüzi. **53.** Balykly rus çorbasy.

**KESELIGINE:** **3.** Giň çöl meýdan, düz. **9.** Tamdyrda bişirilýän iýmit. **10.** Dünýäniň iň uly bölegi. **11.** Gepe çeper, gepe-gürrüňe ökde. **15.** Ýagy alynmadyk gatygyň biz haltada süzülen goýy galyndysy. **16.** Umuman. **17.** Pasyllaryň biri. **20.** Sarymtyl-gyzyl öwüsýän süýji miweli agaç. **21.** Gapy, girelge. **24.** Ussat fransuz režissýory Žan-... Godar. **25.** Suw almak maksady bilen tegelek edilip gazylan çuň çukur. **26.** Zäherleýji madda. **28.** «Dagy-daşy ... bozar, adam arasyny – söz» (nakyl). **30.** Näsaga em edýän adam, hekim. **31.** «Taýagyň iki ... bar» (nakyl). **32.** Ütülen, ýolnan. **33.** Ýiti agyry. **35.** Kaka (köne söz). **37.** Latwiýanyň paýtagty. **40.** Işana, ahuna, pire dini taýdan gol beren adam. **41.** Zenanlaryň başyna daňynýan ýuka ýüpek gyňajy. **42.** «At – ýigidiň diregi, ... – gyzyň ýüregi» (Paýhas çeşmesi). **45.** Gepläp bilmeýän. **48.** Totynyň bir görnüşi. **49.** Işine ezber, ökde. **50.** Makul däl, maksada laýyk däl. **54.** Beýik boýly, owadan gülli miwe getirýän agaç. **55.** Tebigy suw akymy. **56.** Wepaly.

55-nji krosswordyň jogaby:



43-nji skanwordyň jogaby:



**Çemen GAÝYPOWA,** *Gubadag etrabyndaky 40-njy orta mekdebiň mugallymy.*

# AFK Çempionlar Ligasy 2-de 4-nji duşuşyklar tamamlandy

AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda 4-nji duşuşyklar geçirildi. Günbatar sebiti boýunça «B» toparçada çykyş edýän ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary öz meýdançasynda Kataryň «Al Ahli» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. 23-nji minutda Wlap bilen öňe geçen myhmanlara ildeşlerimiz 26-njy minutda Mitrowiçiň



awtogoly bilen jogap berdi. Şunlukda, «Arkadag» topary ilkinji gezek gatnaşýan ýaryşynda 4-nji duşuşygynda 3-nji utugyny gazandy. Galan 2 duşuşykda «Arkadag» topary ýeňiş gazanan ýagdaýynda 1/8 finala çykar.

**Ne gol geçirýär, ne-de gol geçirdýär**

Toparçadaky beýleki oýunda «Al-Haldiýa» bilen «Andijonyň» arasyndaky duşuşykda hasap açylmady. «Andijon» topary geçiren 4-nji duşuşygynda ne gol geçirdi, ne-de gol geçirtdi. Bu toparçada şu wagta çenli 9 duşuşyk geçirilip, 5-si golsuz 7-si deňlikde tamamlandy. Ýeri gelende bellesek, «Al-Haldiýa» bilen «Al Ahliniň» arasyndaky duşuşyk wagtyndan öň oýnalyp, oýunda myhmançylykdaky topar 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy.

* * *

«C» toparçada çykyş edýän «Ahal» topary Eýranyň «Sepahan» topary bilen duşuşdy. Duşuşyk çekeleşikli ýagdaýda geçip, ildeşlerimiz 90-njy minutdan soň ýeňşi elden giderdi. Oýnuň 9-njy minutynda ýer eýeleri Rezawandyň goly bilen öňe geçsede, türkmen futbolçylary 27-nji minutda Süleýman Mirzoýewiň goly bilen hasaby deňledi. 62-nji minutda Bagtyýar Gürgenowyň goly bilen «Ahal» 2–1 hasabynda öňe saýlady. Duşuşygyň 65-nji minutynda «Ahal» toparynyň oýunçysy Azat Rahmanow 2-nji sary kartdan soň, gyzyl kart aldy. Muňa garamazdan, «Ahal» topary oýnuň soňuna çenli goragy elden bermedi. Ýöne 90+6-njy minutda Askariniň geçiren goluna çäre tapmak başartmady we duşuşyk 2-2 hasabynda deňlikde tamamlandy.

Toparçada «Mohun Baganyň» ýaryşdan çykmagy ähli hasabatlara oňaýsyz täsirini ýetirdi. Ýogsam «Ahal» topary myhmançylykda Hindistanyň wekilini ýeňipdi. Netijede, «Mohun Bagan» bilen geçirilen oýunlar hasaba alynmady we «Ahal» toparynyň



ýaryşy dowam etmek mümkinçiligi galmady. Iordaniýanyň «Al-Hussein» topary bilen Eýranyň «Sepahan» topary 1/8 finala atlaryny ýazdyrdylar.

«A» toparçada BAE-niň «Al-Wasl» topary öz meýdançasynda Bahreýniň «Al-Muharrak» topary bilen 2-2 hasabynda deňme-deň oýnady. Utugyny 10-a çykaran «Al-Wasl» 1/8 finala çykmagy başardy.

«D» toparçada Saud Arabystanynyň öňdebaryjy toparlaryndan «Al-Nassr» öz meýdançasynda Hindistanyň «Goa» toparyny 4–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda Garib (35, 53), Maran (65) hem-de Žoao Feliks (84) tapawutlandy. Utugyny 12-ä ýetiren «Al-Nassr» toparyna matematiki hasap boýunça häzirlikçe 1/8 finala çykmak başartmady. Sebäbi «Al-Nassr» toparynyň 2–3-nji ýerlerdäki «Al-Zawraa» hem-de «Istiklol» bilen arasynda 6 utuk bar. Arap klubunyň galan 2 duşuşygy hem şol toparlar bilen bolar. «Al-Nassr» topary 13 gol geçirip, bary-ýogy 1 gol geçirtdi.

Gündogar sebitinde «F» toparçadan «Gamba Osaka» 1/8 finala çykmagy başardy. 4-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazanan ýapon kluby utugyny 12-ä ýetirdi.

**Günbatar sebiti boýunça toparçadaky 4-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

**«A»:** «Al-Wasl» (BAE) – «Al-Muharrak» (Bahreýn): 2-2, «Al-Wehdat» (Iordaniýa) – «Esteglal» (Eýran): 1-1; **«B»:** «Arkadag» (Türkmenistan) – «Al Ahli» (Katar): 1-1, «Al-Haldiýa» (Bahreýn) – «Andijon» (Özbegistan): 0-0; **«C»:** «Sepahan» (Eýran) – «Ahal» (Türkmenistan): 2-2; **«D»:** «Al-Nassr» (Saud Arabystany) – «Goa» (Hindistan): 4-0, «Al-Zawraa» (Yrak) – «Istiklol» (Täjigistan): 2-1

## Tutuş ýyly birinjilikde tamamlan 7-nji tennisçi bolar

Belarusly tennisçi Aryna Sabalenkanyň 2025-nji ýyly birinji orunda tamamlajakdygy resmi ýagdaýda mälim edildi. Häzirki wagtda 10 müň 400 utugy bolan 27 ýaşyndaky tennisçi kalendar senenamasy boýunça bir ýyly tu-




tuşlygyna birinji orunda tamamlan 7-nji raketkaçy bolar. Ondan öň awstraliýaly Kris Ewert (1977, 1981), amerikaly Martina Nawratilowa (1983, 1984, 1986), germaniýaly Şteffi Graf (1988, 1989, 1990, 1994, 1996), öňki ýugoslawiýaly Monika Seleş (1992), amerikaly Serena Williams (2014, 2015) hem-de awstraliýaly Eşli Barti (2020, 2021) ýanwardan–dekabra çenli tutuş bir ýyly WTA-nyň sanawynda birinjilik bilen tamamlamagy başarypdy. Germaniýaly Şteffi Graf şeýle statistikany 5 ýyl gaýtalap, bu görkeziji boýunça iň öňde barýar.



Sabalenka mundan öň 2023-nji ýylyň sentýabr-noýabr aýlarynda-da birinji orna beýgelipdi. Ol geçen ýylyň oktýabr aýyndan bäri (55 hepde) WTA-nyň sanawynda birinjiligini saklap gelýär.

Şeýle-de, Aryna Sabalenka bir ýylda 10 müňden köp utuk toplan 8-nji zenan tennisçi hökmünde taryha girdi. Sabalenkadan öň 2009-njy ýylda russiýaly Dinara Safina (10 müň 521), 2011-nji ýylda daniýaly Karolin Wozniaski (10 müň 255), 2012-nji ýylda belarusly Wiktoriýa Azarenka (10 müň 955), 2013-nji ýylda amerikaly Serena Williams (13 müň 615) bilen russiýaly Mariýa Şarapowa (10 müň 690), 2021-nji ýylda awstraliýaly Eşli Barti (10 müň 185) hem-de 2024-nji ýylda polşaly Iga Şwentek (11 müň 695) bu statistika eýe bolupdylar.

Sabalenka tamamlanyp barýan 2025-nji ýylda «Uly tuwalga» ýaryşlarynda – «Amerika Açykda» çempion bolup, «Awstraliýa Açyk» hem-de «Fransiýa Açyk» ýaryşlarynda finala, «Wimbledonda» ýarym finala çykdy. Sabalenka şu ýylyň dowamynda 8 ýaryşda finala çykyp, şolaryň 4-sinde çempionlyk gazandy. Sabalenkanyň umumylykda 21 çempionlygy bar.

## «Pariž Masters»-iň ussady Ýannik Sinner



Tennis boýunça erkekleriň arasynda geçirilen möwsümiň iň soňky «Masters» ýaryşynda italiýaly Ýannik Sinner ýeňiji boldy. Ol «Pariž Masters» ýaryşynyň finalynda kanadaly Feliks Оže-Alýassimi 6:4 we 7:6 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. 53-nji gezek geçirilen ýaryşda ol ilkinji çempionlygyny gazandy. Bu onuň 5-nji «Masters» çempionlygy bolup, ol şu ýylyň dowamynda finala çykan 9 ýaryşynyň 5-sinde kubogy eýeledi. Bu çempionlykdan soň utugyny 11500-e ýetirip, sanawyň 1-nji basgançagyna gaýdyp gelen 24 ýaşyndaky Sinner karýerasy boýunça 24-nji kubogyny asmana göterdi. 2-nji ýerdäki Alkarasyň 11250 utugy bar.

25 ýaşyndaky Оže-Alýassim bolsa şu ýyl finala çykan 5-nji ýaryşynda 2-nji gezek ýeňildi.

## Yzly-yzyna 2-nji çempionlygy

Amerikanyň milli beýsbol ligasy MLB-de çempion belli boldy. Çempiony kesgitleýän «World Series» duşuşyklarynda «Los Anjeles Dojers» topary ýeňiş gazandy. Ol 7 oýnuň netijesinde «Toronto Blu Jeýs» toparyny 4:3 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen duşuşyklarda – 1-nji oýunda «Toronto Blu Jeýs» öz meýdançasynda 11:4 ýeňip, 2-nji oýunda 5:1 hasabynda ýeňildi. 3-4-5-nji duşuşyklar Los Anjeles şäherinde geçirildi. 3-nji duşuşykda «Los Anjeles Dojers» 6:5 hasabynda ýeňiş gazanyp, öňe saýlandy. Ýöne 4-5-nji oýunlarda kanadalylar 6:2 we 6:1 hasaplar bilen üstün çykyp, çempionlyga golaýlady. Emma Toronto şäherinde oýnalan 6-7-nji duşuşyklarda los anjelesliler 3:1 we 5:4 hasaplar bilen ýeňiş gazandy. Şunlukda, 4:3 hasabynda üstün çykan «Los Anjeles Dojers» yzly-yzyna 2-nji, soňky 6 ýylda-da 3-nji gezek çempion boldy. Bu olaryň 9-njy çempionlygy bolup (1955, 1959, 1963, 1965, 1981, 1988, 2020, 2024, 2025), «Los Anjeles Dojers» 14 gezegem finalda ýeňildi. «Los Anjeles Dojers» bu ugurda 3-nji orna beýgeldi. MLB-de iň köp çempionlyk gazanan topar «Nýu Ýork Ýankis» kluby bolup, olaryň 27 çempionlygy bar. «St. Luis Kardinals» topary 11 gezek çempionlyk gazandy. «Los Anjeles Dojers»




bilen «Atletiks», «Boston Red Soks» toparlarynyň hem 9, şol sanda «San Fransisko Jaýants» toparynyň 8 çempionlygy bar.

Bu ýylky «World Series» duşuşyklarynyň iň ökde oýunçysy diýlip, çempion toparyň ýaponiýaly beýsbolçysy Ýoşinobu Ýamamoto saýlandy.




| | |
|---|---|
| **8-nji noýabr (şenbe)** | |
| **Tottenham – M. Ýunaýted (17:30)** | |
| Hoffenhaým – Leipsig (19:30) | |
| Union Berlin – Bawariýa (19:30) | |
| Hamburg – Borussiýa D (19:30) | |
| Ýuwentus – Torino (22:00) | |
| Atletiko – Lewante (22:30) | |
| **Sanderland – Arsenal (22:30)** | |
| **Parma – Milan (00:45)** | |
| Çelsi – Wulwerhempton (01:00) | |
| Monako – Lans (01:05) | |
| **9-njy noýabr (ýekşenbe)** | |
| AZ Alkmaar – PSW (18:30) | |
| **Bolonýa – Napoli (19:00)** | |
| Aston Willa – Bornmut (19:00) | |
| R. Wallekano – Real Madrid (20:15) | |
| **Man. Siti – Liwerpul (21:30)** | |
| Baltika – Krasnodar (21:45) | |
| Roma – Udineze (22:00) | |
| **Inter – Lasio (00:45)** | |
| **Lion – PSŽ (00:45)** | |
| Selta – Barselona (01:00) | |

## «Liwerpul» hem-de «Ýuwentus» ýeňşi ýatlady









Angliýanyň çempionatynda oktýabr aýyndaky ähli ýaryşlardaky duşuşyklarynda gol geçirtmezden ýeňiş gazanan «Arsenal» bu statistikasyny dowam etdirýär. Londonlylar 10-njy tapgyrda myhmançylykda «Börnlini» Gýokereş hem-de Raýsyň gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňmegi başardy. Soňky çempion «Liwerpul» hem şol hasap bilen «Aston Willadan» üstün çykyp, çempionatda 4 oýundan soň ilkinji ýeňşini gazandy. «Liwerpula» ýeňiş getiren gollary Mohamed Salah bilen Granweberh geçirdi. Salahyň APL-de geçiren gollarynyň sany 190-a, «Liwerpulda» geçiren gollarynyň sany bolsa 250-ä ýetdi. Holannyň 2 gol geçiren oýnunda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Bornmuty» 3-1 hasabynda utdy. «Mançester Ýunaýted» bolsa yzly-yzyna 3 ýeňişden soň myhmançylykda «Nottingam Forest» bilen 2-2 hasabynda deňme-deň oýnady. London derbisinde «Çelsi» myhmançylykda «Tottenhamy» Žoao Pedronyň 34-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen ýeňmegiň hötdesinden geldi. «Fulhamdan» 3-0 hasabynda asgyn gelen «Wulwerhempton» toparynyň portugaliýaly tälimçisi Witor Pereira wezipesinden boşadyldy. «Wulwerhempton» şu möwsümde 10 oýunda ýeke gezek hem ýeňiş gazanyp bilmedi.

Italiýanyň çempionatynda «Napoli» bilen «Komonyň» arasyndaky oýunda hasap açylmady. Bu «Serie A»-da şu möwsümde golsuz hasaba alnan 14-nji duşuşyk boldy. Luçano Spallettini tälimçilige bellän «Ýuwentus» topary myhmançylykda «Kremonezeni» 2–1 hasabynda ýeňip, çempionatda 5 oýundan soň ilkinji ýeňşini gazandy. Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Milan» öz meýdançasynda «Romadan» Pawlowiçiň 39-njy minutda geçiren ýeke-täk goly bilen ýeňşini baýram etdi. Duşuşygyň 82-nji minutynda romaly Dibalanyň ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusyny derwezeçi Menýan sowmagy başardy. Myhmançylykda Zaniolonyň ýeke-täk goly esasynda «Udinezeden» asgyn gelen «Atalanta» topary şu möwsümde ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy we «Serie A»-da ýeňlişsiz topar galmady. Myhmançylykda «Werona» bilen duşuşan «Inter» 90-njy minutdan soň Frezeniň awtogoly bilen 3 utuk gazanmagy başardy. Patrik Wieiranyň topardan gitmeginden soň «Jenoa» topary myhmançylykda «Sassuolony» 2-1 hasabynda ýeňip, möwsümdäki ilkinji ýeňşini gazandy.

## «Golden Boy» baýragynyň bu ýylky ýeňijisi mälim edildi

**Italiýanyň «Tuttosport» gazeti tarapyndan Ýewropada oýnaýan 21 ýaşdan kiçi iň gowy futbolça berilýän «Golden Boy» baýragynyň bu ýylky ýeňijisi belli boldy. Ýaş futbolçylaryň arasyndaky bu arzyly baýraga PSŽ-niň fransiýaly ýarymgoragçysy Dezire Due laýyk görüldi. 20 ýaşyndaky futbolçy geçen möwsümde 61 oýunda meýdança çykyp, 16 gol geçirdi we 16 asist etdi.**



**Dezire Due bu ugurda Arda Güler, Estewao, Maýlz Lýuwis-Skelli ýaly futbolçylary yzda galdyrdy.**

**Baýragy Ýamal, Bellingam, Gawi, Pedri, Holann, Feliks, De Ligt, Mbappe, Pogba, Aguero, Fabregas, Messi, Runi ýaly ýyldyzlar hem alypdy.**

**Zenanlaryň arasynda bolsa «Golden Girl» baýragyna tomusda «Arsenaldan» «Braýtona» kärendesine geçen 19 ýaşyndaky angliýaly Mişel Agemang mynasyp boldy.**

### PREMIER LEAGUE (10) — 27 gol

**Börnli—Arsenal: 0–2** (Gýokereş 14, Raýs 35), **Braýton—Lids: 3–0** (Welbek 11, Gomes 64, 72), **K. Palas—Brentford: 2–0** (Mateta 30, Kollinz 51 ö.d.), **N. Forest—M. Ýunaýted: 2–2** (Gibbs-Waýt 48, Sawona 50 — Kazemiro 34, Diallo 81), **Fulham—Wulwerhempton: 3–0** (Sessenion 9, Wilson 62, Moskera 75 ö.d.), **Tottenham—Çelsi: 0–1** (Žoao Pedro 34), **Liwerpul—Aston Willa: 2–0** (Salah 45+1, Grawenberh 58), **West Ham—Nýukasl: 3–1** (Paketa 35, Botman 45+5 ö.d., Souçek 90+8 — Mörfi 4), **Man. Siti—Bornmut: 3–1** (Holann 17, 33, O'Raýli 60 — Adams 25), **Sanderland—Ewerton: 1–1** (Džaka 46 — Ndiaý 15)

### LA LIGA (11) — 32 gol

**Hetafe—Žirona: 2–1** (Martin 72, Maýoral 86 — Stuani 90+4 p), **Wilýarreal—R. Wallekano: 4–0** (Moreno 22, Moleýro 56, Komesaniýa 58, Aýose Peres 65), **Atletiko—Sewilýa: 3–0** (Alwares 64 p, Almada 77, Grizmann 90), **R. Sosiedad—Atletik: 3–2** (Mendes 38, Gedeş 47, Gorroçategi 90+2 — Guruseta 42, Nawarro 79), **Real Madrid—Walensiýa: 4–0** (Mbappe 19 p, 31, Bellingam 44, Karreras 82), **Lewante—Selta: 1–2** (Arriaga 66 — Mingesa 40, Roman 90+1), **Alawes—Espanýol: 2–1** (Suares 5, Boýe 40 — Fernandes 56), **Barselona—Elçe: 3–1** (Ýamal 9, Torres 11, Reşford 61 — Rafa Mir 42), **Betis—Malýorka: 3–0** (Antoni 10, 34, Ezzalzuli 37), **Owiedo—Osasuna: 0–0**

### SERIE A (10) — 22 gol

**Udineze—Atalanta: 1–0** (Zaniolo 40), **Napoli – Komo: 0–0, Kremoneze—Ýuwentus: 1–2** (Wardi 83 — Kostiç 2, Kambiazo 68), **Werona—Inter: 1–2** (Žiowane 40 — Zelinski 16, Freze 90+4 ö.d.), **Torino—Pisa: 2–2** (Simeone 42, Adams 45+3 — Moreo 13, 29 p), **Fiorentina—Leççe: 0–1** (Berişa 23), **Parma—Bolonýa: 1–3** (Bernabe 1 — Kastro 17, 68, Miranda 90+2), **Milan—Roma: 1–0** (Pawlowiç 39), **Sassuolo—Jenoa: 1–2** (Berardi 47 — Malinowski 18, Estigor 90+3), **Lasio—Kaliari: 2–0** (Isaksen 66, Zakkanýi 90+1)

### BUNDESLIGA (9) — 26 gol

**Augsburg—Borussiýa D: 0–1** (Girassi 37), **Haýdenhaým—Aýntraht: 1–1** (Ziwziwadze 32 — Kristensen 55), **Sankt-Pauli—Borussiýa M: 0–4** (Tabakowiç 15, 40, Matino 75, Fraulo 80), **Union Berlin—Fraýburg: 0–0, Leipsig—Ştutgart: 3–1** (Şabo 45 ö.d., Diomande 53, Romulo 90+1 — Tomaş 65), **Maýns—Werder: 1–1** (Widmer 36 — Stage 86), **Bawariýa—Baýer: 3–0** (Gnabri 25, Jekson 31, Bade 44 ö.d.), **Köln—Hamburg: 4–1** (Ahe 25, Kaýns 48, El-Mala 90+4, Kaminski 90+9 — Dompe 61), **Wolfsburg—Hoffenhaým: 2–3** (Amura 14, 56 — Burger 31, 62, Prömel 50)

### LIGUE 1 (11) — 14 gol

**PSŽ—Nissa: 1–0** (Gonsalu Ramuş 90+4), **Monako—Pariž: 0–1** (Mozes Simon 53), **Oser—Marsel: 0–1** (Anjel Gomes 30), **Renn—Starsbur: 4–1** (Esteban Lepol 9, 48, 60, Meýte 35 — Nanasi 77), **Tuluza—Le Hawr: 0–0, Nant—Mets: 0–2** (Abuaşwili 82, Diallo 89), **Lill—Anže: 1–0** (Feliks Korreýýa 45+2), **Lans—Loriýan: 3–0** (Eduar 6, Said 77, Baýdu 89), **Brest—Lion: 0–0**

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 10 | 8 | 1 | 1 | 18-3 | 25 |
| 2 | MAN. SITI | 10 | 6 | 1 | 3 | 20-8 | 19 |
| 3 | LIWERPUL | 10 | 6 | 0 | 4 | 18-14 | 18 |
| 4 | SANDERLAND | 10 | 5 | 3 | 2 | 12-8 | 18 |
| 5 | BORNMUT | 10 | 5 | 3 | 2 | 17-14 | 18 |
| 6 | TOTTENHAM | 10 | 5 | 2 | 3 | 17-8 | 17 |
| 7 | ÇELSI | 10 | 5 | 2 | 3 | 18-11 | 17 |
| 8 | M. ÝUNAÝTED | 10 | 5 | 2 | 3 | 17-16 | 17 |
| 9 | KRISTAL PALAS | 10 | 4 | 4 | 2 | 14-9 | 16 |
| 10 | BRAÝTON | 10 | 4 | 3 | 3 | 17-15 | 15 |
| 11 | ASTON WILLA | 10 | 4 | 3 | 3 | 9-10 | 15 |
| 12 | BRENTFORD | 10 | 4 | 1 | 5 | 14-16 | 13 |
| 13 | NÝUKASL | 10 | 3 | 3 | 4 | 10-11 | 12 |
| 14 | EWERTON | 10 | 3 | 3 | 4 | 10-13 | 12 |
| 15 | FULHAM | 10 | 3 | 2 | 5 | 12-14 | 11 |
| 16 | LIDS | 10 | 3 | 2 | 5 | 9-17 | 11 |
| 17 | BÖRNLI | 10 | 3 | 1 | 6 | 12-19 | 10 |
| 18 | WEST HAM | 10 | 2 | 1 | 7 | 10-21 | 7 |
| 19 | N. FOREST | 10 | 1 | 3 | 6 | 7-19 | 6 |
| 20 | W. HEMPTON | 10 | 0 | 2 | 8 | 7-22 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 13 |
| 2 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 6 |
| 3 | Igor TIAGO (Brentford) | 6 |
| 4 | Žan-Filipp MATETA (K. Palas) | 6 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 6 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 11 | 10 | 0 | 1 | 26-10 | 30 |
| 2 | BARSELONA | 11 | 8 | 1 | 2 | 28-13 | 25 |
| 3 | WILÝARREAL | 11 | 7 | 2 | 2 | 22-10 | 23 |
| 4 | ATLETIKO M | 11 | 6 | 4 | 1 | 21-10 | 22 |
| 5 | BETIS | 11 | 5 | 4 | 2 | 18-12 | 19 |
| 6 | ESPANÝOL | 11 | 5 | 3 | 3 | 15-13 | 18 |
| 7 | HETAFE | 11 | 5 | 2 | 4 | 12-13 | 17 |
| 8 | ALAWES | 11 | 4 | 3 | 4 | 11-10 | 15 |
| 9 | ELÇE | 11 | 3 | 5 | 3 | 12-13 | 14 |
| 10 | R. WALLEKANO | 11 | 4 | 2 | 5 | 12-14 | 14 |
| 11 | ATLETIK B | 11 | 4 | 2 | 5 | 11-13 | 14 |
| 12 | SELTA | 11 | 2 | 7 | 2 | 13-14 | 13 |
| 13 | SEWILÝA | 11 | 4 | 1 | 6 | 17-19 | 13 |
| 14 | R. SOSIEDAD | 11 | 3 | 3 | 5 | 13-16 | 12 |
| 15 | OSASUNA | 11 | 3 | 2 | 6 | 9-12 | 11 |
| 16 | LEWANTE | 11 | 2 | 3 | 6 | 15-20 | 9 |
| 17 | MALÝORKA | 11 | 2 | 3 | 6 | 11-18 | 9 |
| 18 | WALENSIÝA | 11 | 2 | 3 | 6 | 10-20 | 9 |
| 19 | OWIEDO | 11 | 2 | 2 | 7 | 7-19 | 8 |
| 20 | ŽIRONA | 11 | 1 | 4 | 6 | 10-24 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 13 |
| 2 | Hulian ALWARES (Atletiko) | 7 |
| 3 | Etta EÝONG (Lewante) | 6 |
| 4 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 5 |
| 5 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 5 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 10 | 7 | 1 | 2 | 16-8 | 22 |
| 2 | INTER | 10 | 7 | 0 | 3 | 24-12 | 21 |
| 3 | MILAN | 10 | 6 | 3 | 1 | 15-7 | 21 |
| 4 | ROMA | 10 | 7 | 0 | 3 | 10-5 | 21 |
| 5 | BOLONÝA | 10 | 5 | 3 | 2 | 16-8 | 18 |
| 6 | ÝUWENTUS | 10 | 5 | 3 | 2 | 14-10 | 18 |
| 7 | KOMO | 10 | 4 | 5 | 1 | 12-6 | 17 |
| 8 | LASIO | 10 | 4 | 3 | 3 | 13-7 | 15 |
| 9 | UDINEZE | 10 | 4 | 3 | 3 | 12-15 | 15 |
| 10 | KREMONEZE | 10 | 3 | 5 | 2 | 12-12 | 14 |
| 11 | ATALANTA | 10 | 2 | 7 | 1 | 13-8 | 13 |
| 12 | SASSUOLO | 10 | 4 | 1 | 5 | 11-12 | 13 |
| 13 | TORINO | 10 | 3 | 4 | 3 | 10-16 | 13 |
| 14 | KALIARI | 10 | 2 | 3 | 5 | 9-14 | 9 |
| 15 | LEÇÇE | 10 | 2 | 3 | 5 | 8-14 | 9 |
| 16 | PARMA | 10 | 1 | 4 | 5 | 5-12 | 7 |
| 17 | PISA | 10 | 0 | 6 | 4 | 7-14 | 6 |
| 18 | JENOA | 10 | 1 | 3 | 6 | 6-14 | 6 |
| 19 | WERONA | 10 | 0 | 5 | 5 | 6-16 | 5 |
| 20 | FIORENTINA | 10 | 0 | 4 | 6 | 7-16 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 5 |
| 2 | Hakan ÇALHANOGLU (Inter) | 5 |
| 3 | Niko PAS (Komo) | 4 |
| 4 | Kewin DE BRUÝNE (Napoli) | 4 |
| 5 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 4 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 9 | 9 | 0 | 0 | 33-4 | 27 |
| 2 | LEIPSIG | 9 | 7 | 1 | 1 | 19-10 | 22 |
| 3 | BORUSSIÝA D | 9 | 6 | 2 | 1 | 15-6 | 20 |
| 4 | ŞTUTGART | 9 | 6 | 0 | 3 | 14-10 | 18 |
| 5 | BAÝER | 9 | 5 | 2 | 2 | 18-14 | 17 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 9 | 5 | 1 | 3 | 18-15 | 16 |
| 7 | KÖLN | 9 | 4 | 2 | 3 | 16-12 | 14 |
| 8 | AÝNTRAHT | 9 | 4 | 2 | 3 | 22-19 | 14 |
| 9 | WERDER | 9 | 3 | 3 | 3 | 13-17 | 12 |
| 10 | UNION BERLIN | 9 | 3 | 2 | 4 | 11-15 | 11 |
| 11 | FRAÝBURG | 9 | 2 | 4 | 3 | 11-13 | 10 |
| 12 | WOLFSBURG | 9 | 2 | 2 | 5 | 11-16 | 8 |
| 13 | HAMBURG | 9 | 2 | 2 | 5 | 8-15 | 8 |
| 14 | AUGSBURG | 9 | 2 | 1 | 6 | 12-21 | 7 |
| 15 | SANKT-PAULI | 9 | 2 | 1 | 6 | 8-18 | 7 |
| 16 | BORUSSIÝA M | 9 | 1 | 3 | 5 | 10-18 | 6 |
| 17 | MAÝNS | 9 | 1 | 2 | 6 | 10-17 | 5 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 9 | 1 | 2 | 6 | 8-17 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 12 |
| 2 | Jonatan BURKARDT (Aýntraht) | 6 |
| 3 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 5 |
| 4 | Fisnik ASSLANI (Hoffenhaým) | 5 |
| 5 | Jan UZUN (Aýntraht) | 5 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 11 | 7 | 3 | 1 | 21-9 | 24 |
| 2 | MARSEL | 11 | 7 | 1 | 3 | 25-11 | 22 |
| 3 | LANS | 11 | 7 | 1 | 3 | 17-10 | 22 |
| 4 | LILL | 11 | 6 | 2 | 3 | 23-13 | 20 |
| 5 | MONAKO | 11 | 6 | 2 | 3 | 23-17 | 20 |
| 6 | LION | 11 | 6 | 2 | 3 | 16-12 | 20 |
| 7 | STRASBUR | 11 | 6 | 1 | 4 | 22-16 | 19 |
| 8 | NISSA | 11 | 5 | 2 | 4 | 16-16 | 17 |
| 9 | TULUZA | 11 | 4 | 3 | 4 | 17-15 | 15 |
| 10 | RENN | 11 | 3 | 6 | 2 | 18-17 | 15 |
| 11 | PARIŽ | 11 | 4 | 2 | 5 | 18-20 | 14 |
| 12 | LE HAWR | 11 | 3 | 4 | 4 | 12-16 | 13 |
| 13 | BREST | 11 | 2 | 4 | 5 | 14-18 | 10 |
| 14 | ANŽE | 11 | 2 | 4 | 5 | 8-15 | 10 |
| 15 | NANT | 11 | 2 | 3 | 6 | 10-17 | 9 |
| 16 | LORIÝAN | 11 | 2 | 3 | 6 | 13-25 | 9 |
| 17 | METS | 11 | 2 | 2 | 7 | 10-26 | 8 |
| 18 | OSER | 11 | 2 | 1 | 8 | 7-17 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 9 |
| 2 | Esteban LEPOL (Renn) | 8 |
| 3 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 7 |
| 4 | Sofiýan DIOP (Nissa) | 6 |
| 5 | Ilan KEBBAL (Pariž) | 5 |







## Ýeke-täk ýeňlişsiz topar – «Bawariýa»

Ispaniýanyň çempionatynda «Real Madrid» öz meýdançasynda «Walensiýanyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. Gollaryň 2-sini Mbappe, beýlekileri-de Bellingam bilen Karrera öz atlaryna ýazdyrdylar. 1-nji ýarymda Winisius Junior 11 metrlik jerime urgusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi. «Barselona» bolsa öz meýdançasynda «Elçeni» Ýamalyň, Torresiň hem-de Reşfordyň gollary esasynda 3-1 hasabynda utdy. Madridiň «Atletikosy» «Metropolitanoda» «Sewilýa» bilen duşuşyp, garşydaşyny 3-0 hasabynda ýeňdi. Oýunda gollary Hulian Alwares (64 p), Almada (77) hem-de Grizmann (90) tapawutlandy. «Wilýarrealyň» «Raýo Wallekanony» 4-0 hasap bilen ýeňen tapgyrynda «Betis» öz meýdançasynda «Malýorkanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi.



Germaniýanyň çempionatynda durzup bolmaýan «Bawariýa» «Bundesligadaky» 9-njy, şu möwsümdäki 15-nji ýeňşini gazanyp, öz rekordyny ösdürdi. «Allianz Arenada» «Baýeri» kabul eden münhenliler garşydaşyndan Gnabriniň, Jeksonyň hem-de Badeniň (ö.d.) gollary esasynda 3-0 hasabynda üstün çykdy. Şu möwsümde ýeke oýunda-da utuk ýitirmedik «Bawariýa» bassyr 15-nji ýeňşini baýram etdi. 2-nji ýerde barýan «Leipsig» öz meýdançasynda «Ştutgart» toparyny 3-1 hasabynda ýeňip, ornuny saklamagyň hötdesinden geldi. Dortmundyň «Borussiýasy» myhmançylykda «Augsburgy» Girassiniň 37-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňmegi başardy. «Sankt-Paulini» myhmançylykda 4-0 hasabynda ýeňen «Borussiýa M» topary möwsümdäki ilkinji ýeňşini gazandy.

Fransiýanyň çempionatynda PSŽ öz meýdançasynda «Nissa» toparyny kabul edip, soňky minutda ýeňiş gazandy. Parižlilere ýeňiş getiren ýeke-täk goly 90+4-nji minutda Gonsalu Ramuş öz adyna ýazdyrdy. Yzly-yzyna köp gol geçirilen 2 tapgyrdan soň 11-nji tapgyrda 4 oýunda iň kiçi hasaply ýeňiş bellige alnyp, 2 duşuşyk golsuz tamamlandy. «Monakonyň» öz meýdançasynda «Pariž» toparyndan 1-0 hasabynda asgyn gelen tapgyrynda şol hasap bilen «Marsel» myhmançylykda «Oseri» ýeňlişe sezewar etdi.

# «Bawariýa», «Arsenal», «Inter» utuk ýitirmän gelýär

**UEFA Çempionlar Ligasynda 4-nji duşuşyklaryň ilkinji gününde ozal finalda duşuşan toparlaryň özara oýny esasy üns merkezde boldy. 18 oýunda 46 gol geçirilip, 1 het-trik hasaba alyndy. 6 duşuşykda myhmanlar, 7 oýunda ýer eýeleri ýeňiş gazandy. 6 iňlis klubundan diňe «Çelsi» toparyna ýeňiş gazanmak başartmady. Ispan toparlaryndan diňe «Atletiko Madrid» ýeňiş gazandy. «Arsenal» topary 4 duşuşykda-da gol geçirtmedik ýeke-täk klub bolup, «Interiň» bu statistikasyny dowam etdirmegine «Kairat» topary päsgel berdi. «Arsenaldyr» «Interden» başga-da «Bawariýa» 4-nji duşuşygynda hem ýeňiş gazandy. Bu 3 topar bilen bir hatarda «Mançester Siti» hem-de «Tottenham» toparlarynyň ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär. «Benfika» bilen «Aýaks» toparlary 4-nji duşuşyklarynda-da utulyp, iň aşaky 2 orny paýlaşýar. Şol bir wagtyň özünde 9 topar entek ýeňiş gazanyp görmedi. 5-nji duşuşyklar 25–26-njy noýabrda geçiriler.**

Angliýada «Liwerpul» topary «Real Madridi» kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda iňlisler 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Real Madridiň» derwezeçisi Tibo Kurtuanyň 8 howply pursatda derwezesini goldan halas eden duşuşygyndaky ýeke-täk goly 61-nji minutda Aleksis Mak Allister öz adyna ýazdyrdy.



Madridiň başga bir topary «Atletiko» öz meýdançasynda Belgiýanyň çempiony «Ýunion Sent-Žilluaz» toparyny 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ispan toparynyň gollaryny Alwares (39), Gallaher (72) hem-de Llorente (90+6) derwezä girizdi.

Ýaryşyň debýutantlaryndan «Bude-Glimt» öz meýdançasynda «Monako» bilen duşuşyp, 1–0 hasabynda asgyn geldi. Fransuz klubunyň ýeke-täk goluny 43-nji minutda Florin Balogun geçirdi. Oýnuň 82-nji minutynda ýer eýelerinden Gundersen gyzyl kart aldy.

Luçano Spallettini tälimçilige bellän «Ýuwentusa» öz meýdançasynda «Sportingi» ýeňmek başartmady. 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanan duşuşygyň gollaryny ýer eýelerinden 34-nji minutda Wlahowiç, myhmanlardan 12-nji minutda Arauho derwezä girizdi. «Ýuwentus» toparynyň 4 duşuşykda-da ýeňşi ýok (3 deňlik, 1 ýeňliş).

«Olimpiakos» bilen PSW-niň arasyndaky duşuşyk hem 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanyp, niderlandlar 90-njy minutdan soň ýeňlişden halas boldular. Grek kluby 17-nji minutda Gelson Martinsiň goly bilen öňe geçdi. Ýöne olara Pepiniň 90+3-nji minutdaky goluna çäre tapmak başartmady.

Italiýada oýnalan ýene bir duşuşykda hem ýeňiş gazanan bolmady. «Napoli» bilen «Aýntrahtyň» arasyndaky duşuşykdan gol sesi eşidilmedi.

### «Bawariýa» PSŽ-ni hem ýeňdi

● Tapgyryň iň esasy duşuşyklarynyň biri Parižde soňky çempion PSŽ bilen «Bawariýanyň» arasynda oýnaldy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda nemes topary 2–1 hasabynda











ýeňiş gazandy. Münhenlilere ýeňiş getiren gollaryň 2-sini hem 4-nji we 32-nji minutlarda Luis Diaz geçirdi. Ýöne kolumbiýaly futbolçy 45+7-nji minutda gyzyl kart alyp, toparyny meýdançada 1 oýunçy kem galdyrdy. PSŽ-den Pedro Neweşiň 74-nji minutda geçiren goly ýeňşe ýeterlik bolmady. Şeýlelikde, «Bawariýa» topary ähli ýaryşlary hasaba alanyňda, şu möwsümde oýnan 16-njy duşuşygynda hem ýeňiş gazanyp, geçen hepde täzelän rekordyny ösdürdi.

### «Arsenal» 122 ýyllyk rekordyny gaýtalady

● Londonyň «Arsenaly» myhmançylykda Praganyň «Slawiýa» topary bilen duşuşyp, garşydaşyny 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Iňlis klubunyň doly artykmaçlygynda geçen duşuşykda topçularyň gollaryny 32-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Bukaýo Saka hem-de 46-njy we 68-nji minutlarda Mikel Merino geçirdi. Şunlukda, ähli ýaryşlarda oýnan soňky 8 duşuşygynda gol geçirtmedik «Arsenal» bu ugurda klubuň 122 ýyllyk rekordyny gaýtalady. «Arsenal» soňky gezek 1903-nji ýylda yzly-yzyna 8 oýunda gol geçirtmändi.

### Iň ýaş futbolçy

● «Slawiýa»–«Arsenal» duşuşygynyň 68-nji minutynda Deklan Raýsyň ornuna giren Maks Dowman 15 ýaş 308 gün bilen Çempionlar Ligasynda meýdança çykan iň ýaş futbolçy rekordynyň täze eýesi boldy. Çempionlar Ligasynda oýnan 15 ýaşly ilkinji futbolçy bolan Dowman bu ugurda germaniýaly Ýussef Mukokonyň rekordyny täzeledi (16 ýaş 18 gün).



Londonyň başga bir wekili «Tottenham» öz meýdançasynda «Kopengagen» toparyndan 4-0 hasabynda üstün çykdy. Ýer eýeleriniň gollaryny 19-njy minutda Brennan Jonson, 51-nji minutda Odobert, 64-nji minutda Wan de Wen hem-de 67-nji minutda Palinýa öz atlaryna ýazdyrdylar. Duşuşygyň 57-nji minutynda 1-nji goly geçiren Brennan Jonson gyzyl kart alyp, oýnuň ahyrynda ýer eýeleriniň braziliýaly hüjümçisi Rişarlisonyň ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusy ýokarky sütünden yzyna gaýtdy.

### Ilkinji ýeňiş

● Kipriň «Pafos» topary öz meýdançasynda «Wilýarrealdan» Lukasseniň 46-njy minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda üstün çykyp, bu ýaryşyň taryhyndaky ilkinji ýeňşini gazandy.

Ýaryşa şowly başlan Azerbaýjanyň «Garabag» topary öz meýdançasynda «Çelsi» bilen utuklary paýlaşdy. 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanan duşuşykda ýer eýeleriniň gollaryny Andrade (29) bilen Ýankowiç (39 p), myhmanlaryň gollaryny bolsa Günorta amerikaly ýaş futbolçylar Estewao (16) bilen Garnaço (52) geçirdi.

### Osimheniň het-trigi

● Nigeriýaly ýyldyz hüjümçi Wiktor Osimhen topary «Galatasaraýa» ýeňiş gazandyrmagyny dowam edýär. Myhmançylykda «Aýaksy» 3–0 hasabynda ýeňen stambullylaryň soňky 2-si 11 metrlik jerime urgusyndan 3 goluny hem 59-njy, 66-njy we 78-nji minutlarda Osimhen geçirdi. Osimheniň gollarynyň sany 6-a ýetip, ol iň köp gol salanlaryň sanawynda 1-nji orna beýgeldi.



Myhmançylykda «Klub Brýugge» bilen duşuşan «Barselona» ýeňiş gazanmak başartmady. Ýer eýeleri duşuşykda 3 gezek öňe saýlandylar. Ýöne katalonlar her saparynda jogap goluny geçirmegi başardy we duşuşyk 3–3 hasabynda deňlikde tamamlandy. Çekeleşikli geçen duşuşykda ýer eýeleriniň gollaryny Tressoldi bilen Forbs (2) geçirse, myhmanlary Torres bilen Ýamal hem-de Solisiň awtogoly ýeňlişden halas etdi. 90-njy minutdan soň ýer eýeleriniň geçiren goly VAR tarapyndan hasaba alynmady.

Ýaryşyň debýutantlaryndan «Kairat» myhmançylykda «Inter» bilen duşuşyp, italýan klubyna almatylylary ýeňmek ýeňil düşmedi. 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Interiň» gollaryny Lautara Martines bilen Augusto, myhmanlaryň ýeke-täk pökgüsini bolsa Arad derwezä girizdi.

Angliýanyň «Nýukasl» topary bassyr 3-nji duşuşygynda gol geçirtmezden ýeňiş gazandy. Bilbaonyň «Atletik» toparyny 2–0 hasabynda ýeňen iňlis toparynyň gollaryny Dan Börn bilen Žoelinton öz atlaryna ýazdyrdylar.

Germaniýanyň «Baýer» topary myhmançylykda «Benfikany» Patrik Şikiň 65-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi. Iň kiçi hasaply ýeňiş Fransiýada hem bellige alnyp, Italiýanyň «Atalanta» topary «Marsel» toparyny Samaržiçiň 89-njy minutda geçiren goly esasynda utdy. Duşuşygyň başlarynda «Atalantanyň» belgiýaly oýunçysy De Ketelare 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedi.

Tapgyryň öňe saýlanan duşuşyklarynyň birinde «Mançester Siti» toparyna öz meýdançasynda «Borussiýa Dortmundy» ýeňmek kyn düşmedi. 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan iňlis toparynyň gollarynyň 2-sini Fil Foden, beýlekileri Erling Holann bilen Şerki derwezä girizdi.

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Bawariýa | 4 | 4 | 0 | 0 | 14–3 | 12 |
| 2 | Arsenal | 4 | 4 | 0 | 0 | 11–0 | 12 |
| 3 | Inter | 4 | 4 | 0 | 0 | 11–1 | 12 |
| 4 | Mançester Siti | 4 | 3 | 1 | 0 | 10–3 | 10 |
| 5 | PSŽ | 4 | 3 | 0 | 1 | 14–5 | 9 |
| 6 | Nýukasl | 4 | 3 | 0 | 1 | 10–2 | 9 |
| 7 | Real Madrid | 4 | 3 | 0 | 1 | 8–2 | 9 |
| 8 | Liwerpul | 4 | 3 | 0 | 1 | 9–4 | 9 |
| 9 | Galatasaraý | 4 | 3 | 0 | 1 | 8–6 | 9 |
| 10 | Tottenham | 4 | 2 | 2 | 0 | 7–2 | 8 |
| 11 | Barselona | 4 | 2 | 1 | 1 | 12–7 | 7 |
| 12 | Çelsi | 4 | 2 | 1 | 1 | 9–6 | 7 |
| 13 | Sporting | 4 | 2 | 1 | 1 | 8–5 | 7 |
| 14 | Borussiýa Dortmund | 4 | 2 | 1 | 1 | 13–11 | 7 |
| 15 | Garabag | 4 | 2 | 1 | 1 | 8–7 | 7 |
| 16 | Atalanta | 4 | 2 | 1 | 1 | 3–5 | 7 |
| 17 | Atletiko Madrid | 4 | 2 | 0 | 2 | 10–9 | 6 |
| 18 | PSW | 4 | 1 | 2 | 1 | 9–7 | 5 |
| 19 | Monako | 4 | 1 | 2 | 1 | 4–6 | 5 |
| 20 | Pafos | 4 | 1 | 2 | 1 | 2–5 | 5 |
| 21 | Baýer | 4 | 1 | 2 | 1 | 6–10 | 5 |
| 22 | Klub Brýugge | 4 | 1 | 1 | 2 | 8–10 | 4 |
| 23 | Aýntraht | 4 | 1 | 1 | 2 | 7–11 | 4 |
| 24 | Napoli | 4 | 1 | 1 | 2 | 4–9 | 4 |
| 25 | Marsel | 4 | 1 | 0 | 3 | 6–5 | 3 |
| 26 | Ýuwentus | 4 | 0 | 3 | 1 | 7–8 | 3 |
| 27 | Atletik Bilbao | 4 | 1 | 0 | 3 | 4–9 | 3 |
| 28 | Ýunion Sent-Žilluaz | 4 | 1 | 0 | 3 | 4–12 | 3 |
| 29 | Bude-Glimt | 4 | 0 | 2 | 2 | 5–8 | 2 |
| 30 | Slawiýa Praga | 4 | 0 | 2 | 2 | 2–8 | 2 |
| 31 | Olimpiakos | 4 | 0 | 2 | 2 | 2–9 | 2 |
| 32 | Wilýarreal | 4 | 0 | 1 | 3 | 2–6 | 1 |
| 33 | Kopengagen | 4 | 0 | 1 | 3 | 4–12 | 1 |
| 34 | Kairat | 4 | 0 | 1 | 3 | 2–11 | 1 |
| 35 | Benfika | 4 | 0 | 0 | 4 | 2–8 | 0 |
| 36 | Aýaks | 4 | 0 | 0 | 4 | 1–14 | 0 |

***4-nji duşuşyklaryň netijeleri:***

**SLAWIÝA — ARSENAL: 0–3** /Saka 32 p, Merino 46, 68/
**NAPOLI — AÝNTRAHT: 0–0**
**ATLETIKO MADRID — ÝUNION SENT-ŽILLUAZ: 3–1** /Alwares 39, Gallaher 72, Llorente 90+6 — Saýks 80/
**BUDE-GLIMT — MONAKO: 0–1** /Balogun 43/
**ÝUWENTUS — SPORTING: 1–1** /Wlahowiç 34 — Arauho 12/
**LIWERPUL — REAL MADRID: 1–0** /Mak Allister 61/
**OLIMPIAKOS — PSW: 1–1** /Martins 17 — Pepi 90+3/
**PSŽ — BAWARIÝA: 1–2** /Neweş 74 — Luis Diaz 4, 32/
**TOTTENHAM — KOPENGAGEN: 4–0** /Jonson 19, Odobert 51, Wan de Wen 64, Palinýa 67/
**PAFOS — WILÝARREAL: 1–0** /Lukassen 46/
**GARABAG — ÇELSI: 2–2** /Andrade 29, Ýankowiç 39 p — Estewao 16, Garnaço 52/
**AÝAKS — GALATASARAÝ: 0–3** /Osimhen 59, 66 p, 78 p/
**KLUB BRÝUGGE — BARSELONA: 3–3** /Tressoldi 6, Forbs 17, 63 — Torres 8, Ýamal 61, Solis 77 ö.d./
**INTER — KAIRAT: 2–1** /Martines 45, Augusto 67 — Arad 55/
**MANÇESTER SITI — BORUSSIÝA DORTMUND: 4–1** /Foden 22, 57, Holann 29, Şerki 90+1 — Anton 72/
**NÝUKASL — ATLETIK B: 2–0** /Dan Börn 11, Žoelinton 49/
**MARSEL — ATALANTA: 0–1** /Samaržiç 89/
**BENFIKA — BAÝER: 0–1** /Patrik Şik 65/

# Finalda ýene-de 2 brazil kluby duşuşar

**Günorta Amerikanyň Çempionlar Ligasy bolan Kopa Libertadores Kubogynda finala çykan toparlar belli boldy.**

Yklymyň iň uly klub ýaryşy bolan bäsleşigiň finalynda 2 brazil kluby «Palmeiras» bilen «Flamengo» duşuşar. Milli çempionatdada çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan iki klub 2021-nji ýylda-da finalda duşuşypdy. Şol finalda «Palmeiras» 2–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.




Ýarym finalyň jogap oýunlarynda «Palmeiras» topary taryhy kembek etmegi başardy. Öz meýdançasynda Ekwadoryň «LDU Kuito» topary bilen duşuşan sao-paululular 4–0 hasabynda ýeňiş gazandy. 1-nji oýunda 3–0 hasabynda asgyn gelen «Palmeiras» jogap duşuşygynda her ýarymda 2 gol geçirmegiň hötdesinden geldi. Brazil klubuna ýeňiş getiren gollary Sosa (20), Bruno Fuks (45+5) hem-de Weiga (68, 82 p) geçirdi. Şeýlelikde, 2 oýnuň netijesi boýunça 4–3 öňe saýlanan «Palmeiras» soňky 6 ýylda 3-nji gezek finala çykdy.

«Palmeirasyň» finaldaky bäsdeşi «Flamengo» bolar. «Flamengo» topary ýarym finalda Argentinanyň «Rasing» topary bilen duşuşdy. Öz meýdançasynda Karraskalyň 88-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňen «Flamengo» toparyna bu ýeňiş ýeterlik boldy. Jogap duşuşygynda hasap açylmady we «Flamengo» topary soňky 7 ýylda 4-nji gezek finalda oýnamaga hukuk gazandy.

«Palmeiras» topary bu ýaryşda 3 gezek çempionlyk gazanyp, 1999-njy, 2020-nji we 2021-nji ýyllarda kubogy eýeläpdi. 1961-nji, 1968-nji we 2000-nji ýyllarda bolsa finalda ýeňlipdi.

«Flamengo» toparynyň hem 3 çempionlygy bolup, 1981-nji ýyldan soň 2019-njy we 2022-nji ýyllarda çempionlyk gazanmagy başardy. Riolylar diňe 1 gezek, ol hem 2021-nji ýylda «Palmeirasdan» finalda ýeňildiler.

Kopa Libertadores ýaryşynyň finalynda bassyr 2-nji, soňky 6 ýylda 5-nji, umumylykda bolsa 7-nji gezek 2 brazil topary duşuşar. Bu ýylky final duşuşygy 29-njy noýabrda Perunyň paýtagty Limadaky 80 müň 93 orunlyk «Monumental» stadionynda oýnalar.

## Dünýäniň täsin stadionlary







# DÖRT GÖKDIRÄNLI STADION

Şwesiýanyň Eskilstuna şäherçesindäki «Tunavallen» stadionynda 4 klub öz ýerli duşuşyklaryny geçirýär. Olar şäheriň 3-nji ligada çykyş edýän «AFK Eskilstuna», 5-nji liga wekilçilik edýän «Eskilstuna Siti» hem-de «IFK Eskilstuna», şol sanda ýokary liganyň «Eskilstuna Ýunaýted» zenanlar toparlarydyr. Stadion 7800 orunlyk bolup (gerek bolan ýagdaýynda 14 müňe çenli hem çykarmak mümkinçiligi bar), ol aslynda 1924-nji ýylda gurulýar. Şol döwürler has köp tomaşaçy orunlyk bolan stadionda 1958-nji ýylda Şwesiýada geçirilen FIFA Dünýä Kubogynyň çäginde 1 duşuşyk oýnalýar. Paragwaý bilen Ýugoslawiýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýun 3–3 hasabynda deňlikde tamamlanýar. Şol çempionat üçin 22 müň tomaşaça niýetlenen stadiona bu duşuşykda 13 müň 103 janköýer tomaşa edýär.



2002-nji ýylda düýpli abatlaýyş işleri geçirilýär. Iki tribunaly edip gurlan stadionyň iň esasy aýratynlygy dört burçunda 15 gatly ýaşaýyş jaýlarynyň bolmagydyr. Bu ýerde ýaşaýanlar futbol duşuşyklaryna ýa-da kämahallar geçirilýän konsertlere öz balkonlaryna çykyp, arkaýynlyk bilen tomaşa edýärler. Stadiony 4 klubuň paýlaşmagy onuň işjeňligini artdyryp, şäherdäki ilatyň futbola bolan gatnaşygyny hasam janlandyrýar.

Eýeçiligi şäheriň ýerli häkimiýetine degişli bolan stadionyň meýdançasy häzirki wagtda hakyka golaý emeli ot bilen örtülendir. Meýdançanyň ölçegi 105x68 metre deňdir.

# NÝU ÝORKDA KENIÝALYLARYŇ BAÝRAMÇYLYGY







ABŞ-da geçirilen 54-nji Nýu Ýork marafonynda keniýaly ylgaýjylar öňe saýlandy. Dünýäniň 7 uly marafon ýaryşynyň iň soňky tapgyry bolan Nýu Ýork marafonyna bu ýyl 55 müň ylgaýjy gatnaşdy. Erkekleriň arasynda-da, zenanlaryň arasynda-da münberiň 3 basgançagyna hem keniýaly türgenler çykdy.

Erkekleriň arasynda Benson Kipruto ýeňiji bolup, ol 42,195 kilometr aralygy 2 sagat 8 minut 9 sekuntda tamamlady. Bu onuň uly marafon ýaryşlaryndaky 4-nji çempionlygydyr. Kipruto bilen deň wagtda ýaryşy tamamlan watandaşy Aleksander Mutiso 2-nji, ýeňijiden 48 sekunt giç pellehana gelen başga bir keniýaly Albert Korir 3-nji orny eýeledi.

Zenanlaryň arasynda keniýaly meşhur ýeňil atletikaçy Hellen Obiri ýeňiş gazanyp, onuň görkezen netijesi 2 sagat 19 minut 51 sekunda deň boldy. Bu görkeziji Nýu Ýork marafonynda zenanlaryň arasyndaky rekord dereje hökmünde hasaba alyndy. 35 ýaşyndaky Obiri 2023-nji ýyldan soň bu ýerde 2-nji gezek ýeňiji boldy. Bu onuň uly marafonlardaky 4-nji ýeňşidir (Bostonda-da 2 gezek ýeňiji boldy). Ýaryşda Obiriniň watandaşlary Şaron Lokedi 2-nji, Şeila Çepkirui 3-nji orny eýeledi.

### 6-dan 7-ä çykaryldy

● Tokio (Ýaponiýa), Boston (ABŞ), London (Beýik Britaniýa), Berlin (Germaniýa), Çikago (ABŞ) hem-de Nýu Ýork (ABŞ) marafonlary dünýäniň uly 6 marafony hasaplanýardy. Şu ýyldan başlap, olaryň hataryna Sidneý marafony (Awstraliýa) hem goşuldy. Ol awgust aýynyň ahyrynda geçirilýär. 2012-nji ýylda uly marafon derejesini alan Tokio marafony her ýylyň mart aýynyň birinji ýekşenbesinde, dünýäniň iň gadymy marafon ylgaw ýaryşy bolan Boston marafony apreliň üçünji duşenbesinde, 44 ýyllyk taryhy bolan London marafony apreliň soňky ýekşenbesinde, 1974-nji ýyldan bäri guralyp gelinýän Berlin marafony sentýabr aýynyň soňky ýekşenbesinde geçirilýär. Çikago marafony oktýabr aýynyň ikinji ýekşenbesinde guralyp, şu ýylky ýaryşa 160 müň töweregi ylgaýjy gatnaşdy we olaryň 52 müň 150-si ylgawy tamamlamagy başardy. Bu görkeziji ýaryşyň rekordyna deň boldy. Uly marafon ýaryşlarynyň iň soňkusy Nýu Ýork marafony bolup, ol her ýylyň noýabr aýynyň birinji ýekşenbesinde geçirilýär.


**Abuna – 2026**

**«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.**

**Gazete ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!**

